Türkmennistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň
2010-njy ýylyň 15-nji martynda çykaran № 99
**B U Ý R U G Y**

## Iýmit önümleriniň söwdasynyň desgalary üçin Sanitariýa-epidemiologiýa kadalaryny tassyklamak barada

(Türkmenistanyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ýygyndysy, 2014 ý., № 1 (18), I bölek, 299-njy sahypa)

Türkmenistanyň «Saglyk» döwlet maksatnamasyny, «Iýmit önümleriniň hili we howpsuzlygy hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny we Türkmenistanyň Sanitariýa kodeksini ýerine ýetirmek üçin, **buýurýaryn:**

Iýmit önümleriniň söwdasynyň desgalary üçin Sanitariýa-epidemiologiýa kadalaryny tassyklamaly (goşulýar).

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş
we derman senagaty ministriniň
2010-njy ýylyň 15-nji martynda
çykaran № 99 buýrugy bilen
tassyklanyldy

## Iýmit önümleriniň söwdasynyň desgalary üçin sanitariýa-epidemiologiýa Kadalary

Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi hem-de Türkmenistanyň Azyk senagat assosiasiýasy bilen ylalaşyldy

### 1. Ulanylýan ugurlary we umumy düzgünler

1. Şu Sanitariýa-epidemiologiýa kadalary (mundan beýläk - Sanitariýa kadalary) Türkmenistanyň ilatynyň arasynda ýokanç we ýokanç däl keselleriň ýüze çykmagynyň we ýaýramagynyň öňüni almak maksady bilen işlenilip taýýarlanyldy hem-de iýmit önümleriniň söwdasynyň desgalarynyň ýerleşdirilişine, gurluşyna, sanitar-tehniki ýagdaýyna, saklanyşyna, azyklyk çig malynyň we iýmit önümleriniň daşalyş, kabul ediliş, saklanyş, gaýtadan işleniş we ýerleniş şertlerine, şeýle hem zähmet şertlerine esasy sanitariýa-epidemiologiýa talaplary kesgitleýär.

Şu Sanitariýa kadalarynyň Türkmenistanyň çäginde eýeçiliginiň görnüşlerine hem-de haýsy pudaga degişlidigine garamazdan ähli söwda edaralary, wezipeli taraplar, hususy telekeçiler we raýatlar tarapyndan berjaý edilmegi hökmanydyr.

2. Şu Sanitariýa kadalary gurulýan, durky täzelenýän, düýpli abatlanylýan we işläp gelýän azyk söwdasynyň ähli desgalaryna degişlidir, olara bazarlar, azyk önümleriniň bazalary, ammarlary, önüm saklanýan jaýlar, azyk dükanlary we eýeçiliginiň

görnüşlerine hem-de haýsy pudaga degişlidigine garamazdan bölek satuw we ownuk bölek satuw kärhanalaryna (doňdurylan we sowadylan önümleriň ätiýaçlyk gorlaryny saklamak we olar bilen söwda hem-de jemgyýetçilik iýmiti ulgamlaryny we senagata dahylsyz öndürilen oba hojalyk önümlerini ýerleýän bazarlary üpjün etmek üçin niýetlenen ammar görnüşli kärhanalaryň sowadyjylaryndan başgalar), şeýle hem hususy telekeçilere degişlidir.

3. Azyk önümleriniň söwdasynyň desgalarynyň täzeden taslanylmagy we işläp gelýänleriniň durkunyň täzelenmegi, düýpli abatlanylmagy şu sanitariýa kadalaryna, gurluşyk kadalaryna, tehnologiki taslamak boýunça kadalara laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

4. Ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, taslama guramalary, döwlet we beýleki kärhanalar, şeýle hem daşary ýurt firmalary we şahsy adamlar, hususy telekeçiler azyk söwdasy desgalaryny gurmak we abatlamak üçin, şeýle hem bar bolan kärhanalary düýpli abatlamak üçin taslama-sanaw resminamalaryny Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň (mundan beýläk - Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugy) edaralary bilen ylalaşmaklyga borçludyr.

5. Täze gurulýan, durky täzelenýän we düýpli abatlanýan söwda desgalaryny ulanmaga bermek Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary bilen ylalaşylyp geçirilmelidir.

6. Söwda edýän subýektler, alkogol we temmäki önümleri bilen söwda işini amala aşyrmak üçin, söwda işini amala aşyrmaga hukuk gazanmak üçin Türkmenistanyň kanunlary arkaly bellenilen tertipde degişli edaralar tarapyndan berilen ygtyýarnamany edinmäge borçludyr.

7. Söwda edýän subýektler tarapyndan ýerlenilýän azyk önümleriniň görnüşleri döwlet sanitariýa-epidemiologiýa gözegçiligi edaralary bilen deslapdan ylalaşylmalydyr hem-de söwda desgasynyň görnüşine we kysymyna laýyk gelmelidir. Söwda desgalarynyň ýerleşişi we tehniki mümkinçilikleri talap edilýän şertlerde azyk önümlerini kabul etmegiň, saklamagyň, taýýarlamagyň we satmagyň, işgärleriň şahsy gigiýena kadalaryny berjaý etmegini üpjün etmelidir, bu bolsa sanitariýa-epidemiologiýa netijenamasy bilen tassyklanylýar.

Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary bilen ylalaşylmazdan ýerlenilýän harytlaryň tassyklanylan görnüşlerini üýtgetmek gadagandyr.

## Söwda desgalaryny ýerleşdirmäge we olaryň çäklerine bildirilýän talaplar

8. Täze söwda desgalary taslanylan we gurlan hem-de işläp gelýänleriniň durky täzelenen mahaly hereket edýän sanitariýa kadalaryny, gurluşyk kadalaryny, tehnologiki taslamak boýunça kadalary goldanmak zerurdyr.

9. Söwda desgalary söwda-durmuş hyzmatlary merkezleriniň düzüminde aýratyn duran binada, şeýle-de ýaşaýyş öýlerine hem-de beýleki maksatly binalara goşmaça gurlan, ýanynda gurlan jaýlarda hem ýerleşdirilip bilner, şeýle hem senagat kärhanalarynyň çäklerinde we şol kärhanalaryň işgärlerine hyzmat edýän beýleki desgalarda ýerleşýär. Söwda desgalaryny ýaşaýyş jaýlarynda we beýleki maksatly binalarda ýerleşdirmek Türkmenistanyň gurluşyk kadalary bilen bellenilýän talaplara laýyklykda amala aşyrylýar.

10. Söwda desgalary aýratyn duran binada ýerleşdirilen mahaly onuň awtomobil ýolunyň geçýän tarapynda işgärleriň we bu ýere gelýänleriň ulaglaryny wagtlaýyn goýmak üçin meýdançany göz öňünde tutmak ündelýär. Görkezilen ulaglary wagtlaýyn goýmak üçin meýdançany ýaşaýyş jaýynyň howlusynda ýerleşdirmek gadagan edilýär.

11. Söwda desgalarynyň işi ýaşaýyş jaýlarynda we beýleki maksatly binalarda adamlaryň ýaşamagynyň, dynç almagynyň, bejeriş geçmeginiň, zähmet çekmeginiň şertlerini ýaramazlaşdyrmaly däldir. Söwda desgalary senagat zolagynda ýa-da başga desgalaryň çäklerinde ýerleşdirilen mahaly olaryň zyýanly täsirine sezewar edilmeli däldir.

12. Ýöriteleşdirilen balyk we gök önüm dükanlary, şeýle hem meýdany 1000 inedördül metrden köp bolan dükanlary ýaşaýyş jaýlarynyň we başga maksatly binalaryň ýanynda gurlan, ýanynda-goşmaça gurlan jaýlarda ýerleşdirmek gadagan edilýär.

13. Söwda desgalarynyň düzüminde jemgyýetçilik iýmiti kärhanalary, ýarym fabrikatlary, kulinariýa we beýleki azyk önümlerini öndürmek boýunça ýöriteleşdirilen aşhanalar, şeýle hem azyk önümlerini ýerlemek bilen baglanyşykly bolmadyk beýleki desgalar (söwda öýleri, söwda merkezleri we başgalar) ýerleşdirilen mahaly ulanylýan gigiýeniki hem-de sanitariýa-epidemiologiýa kadalarynyň talaplary berjaý edilmelidir.

14. Umumy meýdany 1000 inedördül metrden köp bolan söwda desgalary bilen ýaşaýyş jaýlarynyň arasy 50 metrden az bolmaly däldir.

15. Bazarlaryň çäkleri şu iş zolaklaryna bölünýär: söwda zolagy, edara-ediş we ammar zolagy, ulaglar üçin duralga.

16. Azyk söwdasy desgalaryny gurmak üçin ýer, suw üpjünçiligi çeşmesi, lagym hem-de suw goýberiş ulgamlary Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralarynyň netijenamasy esasynda seçilip alynmalydyr.

17. Azyk söwdasy desgalary üçin niýetlenilen ýer ýerasty suwlaryň derejesi ýokary bolan batgalyk, hapa dökülýän ýerleriň, maldarçyryk toplumlarynyň, derini, süňkleri gaýtadan işlemek boýunça kärhanalaryň we töweregiň hapalanmagy mümkin bolan beýleki ýerleriň golaýynda ýerleşmeli däldir.

18. Söwda desgasynyň töweregindäki ýerleriň, sowma ýollaryň, ýanýodalaryň we ýük düşürilýän meýdançalaryň gaty örtügi (asfalt, beton, bezeg plitalary) bolmalydyr.

19. Azyk söwdasy desgalarynyň çäkleri, şol sanda olaryň töweregindäki ýerler abadanlaşdyrylýar, agaç ekilýär, hapa salynýan bezegli gaplar oturdylýar we arassa ýagdaýda saklanylýar.

Desganyň howlusy we töweregindäki ýerler her gün söwda desgasynyň işgärleri tarapyndan arassalanmalydyr. Howanyň maýyl günleri şol ýerler arassalanmazdan öňürti suwlanmalydyr. Söwda desgalarynyň çäkleri we ýanýodalar gardan we buzdan yzygiderli arassalanýar, sürçek wagtlary çäge bilen örtülýär.

20. Desganyň ýerleşýän ýerinde degişli ýapgytlygy bolan ýagyş suwlarynyň lagym ulgamyny we şol ýerleri arassalamak, suwlamak üçin kranlary göz öňünde tutmalydyr.

21. Hojalyk zolagynda gaplar saklanar ýaly bassyrmalar, hapalary, azyk önümleriniň galyndylaryny toplamak üçin meýdançalar, şeýle hem ilatdan boşan gaplary kabul etmek üçin jaý gurnalýar.

22. Hapany we azyk önümleriniň galyndylaryny toplamak üçin gaty örtükli meýdançalarda oturdylan gapakly ýa-da ýörite ýapyk gurluşdaky aýratyn duran gaplar göz öňünde tutulýar, şol ýeriň meýdany bolsa hapa salynýan gabyň düýbüne garanyňda hemme tarapyna 1 metr giňlikde bolmalydyr. Hapany we azyk önümleriniň galyndylaryny toplamak üçin meýdançalar söwda desgalaryndan, şeýle hem ýaşaýyş jaýlarynyň penjirelerinden we gapylaryndan azyndan 25 metr daşlykda ýerleşdirilýär. Söwda desgalarynyň ýerleşişiniň ýerli şertlerine görä, Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralarynyň ylalaşygy boýunça bu aralygyň gysgaldylmagyna ýol berilýär.

23. Hapa salynýan gaplar olaryň üçden iki böleginden köp bolmadyk möçberi dolan mahaly, ýöne bir gije-gündizde azyndan 1 gezek boşadylýar. Şol hapa salynýan gaplar tomus aýlary hepdede bir gezek, gyş aýlary bolsa aýda 1 gezek bellenilen tertipde Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary tarapyndan rugsat berlen serişdeleri ulanmak bilen zyýansyzlandyrylýar.

24. Hapa salynýan gaplar ýörite ulag arkaly alnyp gidilýär, şol ulaglary azyk harytlaryny we azyk önümlerini daşamak üçin peýdalanmak gadagan edilýär. Hapalar merkezleşdirilip toplanylýan mahaly hapa salynýan gaplar arassa we zyýansyzlandyrylan ýagdaýda saklanylyp getirilýär. Gaplaryň sanitariýa taýdan işlenilmegini jemagat hojalygynyň kärhanalary amala aşyrýarlar.

25. Içgiler guýlup satylýan ownuk bölek satuw söwda desgalaryny lagym ulgamy we suw geçiriji bolmadyk ýerlerde ýerleşdirmäge ýol berilmeýär.

26. Ownuk bölek satuw ulgamynyň düýpli bolmadyk söwda desgalary hajathanalaryň gurnalan ýerinde ýerleşdirilýär.

## Suw üpjünçiligine we lagym ulgamyna bildirilýän talaplar

27. Azyk söwdasy desgalarynyň gyzgyn, sowuk suw üpjünçiligi we lagym ulgamlary Türkmenistanyň gurluşyk kadalary bilen bellenilýän talaplara laýyk gelmelidir.

Içerki suw geçiriji we lagym ulgamy gurnalmazdan täze söwda desgalaryny gurmaklyga ýol berilmeýär.

28. Söwda desgalarynda suwuň hili merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik agyz suw üpjünçiliginiň suwunyň hiline bildirilýän gigiýeniki talaplaryna laýyk gelmelidir.

29. Düýpli söwda desgalarynda hojalyk-agyz suw we gyzgyn suw üpjünçilik ulgamlary, aýratynlykda durmuş we önümçilik lagym ulgamlary enjamlaşdyrylmalydyr.

Bölek satuw söwda ulgamynyň desgalarynda suw üpjünçilik we lagym ulgamlary bilen enjamlaşdyrmagyň zerurlygy sanitariýa-epidemiologiýa netijenamasy resmileşdirilen mahaly kesgitlenilýär.

Oba ýerlerinde merkezleşdirilen suw üpjünçilik we lagym ulgamynyň ýok mahalynda, Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary bilen ylalaşmak boýunça guýularyň we lagym suwlary ýygnamak üçin suw siňdirýän çukurlaryň gurnalmagyna ýol berilýär.

30. Suw bilen üpjünçilikde bökdençlikler ýüze çykýan ýa-da merkezleşdirilen suw üpjünçiligi bolmadyk ýerlerde hojalyk-agyz suwunyň zerurlygy üçin getirilýän suwy ulanmaklyga ýol berilýär. Munuň üçin agyz suwunyň ätiýaçlyk gory üçin gerek bolan gaplary oturtmagy göz öňünde tutmak zerurdyr. Şol gaplaryň kysymlary, şolary oturtmagyň maksadalaýyklygy we ýerleşýän ýerleri Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary bilen ylalaşylmalydyr.

Agyz suwuny saklamak we daşamak üçin niýetlenilen gaplar boşandan soň her hepdede döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary tarapyndan bellenilen tertipde arassalanylmaga, bir kemsiz ýuwulmaga we zyýansyzlandyrylmaga degişlidir.

31. Agyz suwy üçin niýetlenilen gaplary zyýansyzlandyrmak olary düzüminde işjeň hloryň 75-100 mg/litri bolan zyýansyzlandyryjy ergin bilen doldurmak usuly arkaly geçirilýär. 5-6 sagat täsir ediş wagty geçeninden soň zyýansyzlandyryjy ergini aýyrýarlar we gaby agyz suwy bilen ýuwýarlar (ýuwulan suwda hloryň galyndy mukdary 0,3-0,5 mg/litrdir).

Agyz suwunyň ätiýaçlyk gory üçin gaplar gurnalan jaýlar üzňeleşdirilen bolmalydyr we arassa saklanylmalydyr.

Agyz suwy agzy mäkäm ýapylýan gapakly, ýörite belgilenen gaplarda (agyz suwy üpjünçiligi tejribesinde ulanylmaga rugsat berlen serişdelerden ýasalan çeleklerde we beýleki gaplarda) azyk önümlerini daşamak üçin niýetlenilen ýörite ulaglar arkaly getirilmelidir. Suw daşaýan awtomobil ulagy agyz suwuny daşamak üçin ýörite belgilenen we arassaçylyk pasportly bolmalydyr.

32. Söwda desgalarynda öwseleleri, gap-gaçlary we gaýry gaplary ýuwmak üçin jaýlar enjamlaşdyrylmalydyr, gyzgyn we sowuk suw çekilen lagym ulgamyna birikdirilen, azyndan iki sany dürli zatlar ýuwulýan legenler, öwseleler, gap-çanaklary guratmak we saklamak üçin sekiler, gözenekler bilen üpjün edilmelidir.

Merkezleşdirilen gyzgyn suw üpjünçiligi bolmadyk mahaly desgany ýeterlik möçberde akyp duran gyzgyn suw bilen üpjün etmek üçin dürli zatlar ýuwulýan jaýlarda suw gyzdyryjy enjamlary oturtmagy göz öňünde tutmalydyr.

33. Tüňňürlerden süýt ýerlenilýän azyk söwdasy desgalarynda, şu Sanitariýa kadalarynyň 32-nji bölüminiň talaplaryna laýyklykda tüňňürleri ýuwmak üçin goşmaça ýuwulýan jaýlar enjamlaşdyrylmalydyr.

34. Azyk önümlerini ýerlemäge taýýarlanylýan jaýlar, kafeteriýalar, naharhanalar, garbanyşhanalar we işgärler üçin otaglar, suw garyjy abzalyň üstünden akyp duran gyzgyn we sowuk suw çekilen elýuwgyçlar bilen enjamlaşdyrylmalydyr.

35. Iýmit galyndylary saklanylýan otaga girilýän ýerde gyzgyn we sowuk suw üpjünçiligi ulgamyna we lagym ulgamyna birikdirilen gaplary ýuwmak üçin ýuwuş legeni we el ýuwulýan legenleri gurnamak hökmanydyr.

36. Başga maksatly binalarda ýa-da olara goşmaça gurlan jaýlarda ýerleşen azyk söwdasy desgalarynyň lagym ulgamy bu jaýlaryň lagym ulgamyndan aýratynlykda göz öňünde tutulmaly.

37. Ýuwuş legenleri suwlary kabul edýän guýgujyň ýokarsyndan azyndan 20 millimetr aralykda lagym ulgamyna birikdirilýär. Içerki lagym ulgamynyň ähli hapa suwlary kabul edýän böleklerinde suw burmalar (sifonlar) bolmalydyr.

38. Arassalanmadyk hapa suwlary açyk suw howdanlaryna we töweregindäki ýerlere akdyrmaga, şeýle hem şol suwlary siňdirýän guýulary gazmaga ýol berilmeýär.

39. Önümleri kabul etmek, satmaga taýýarlamak üçin niýetlenilen jaýlaryň, ammar we kömekçi jaýlaryň potologyndan içerki lagym ulgamlaryny çekmäge ýol berilmeýär.

Önümçilik we ammar jaýlarynda suwalan oýuklarda lagym turbalaryny, gözegçilik enjamyny gurnamazdan çekmäge rugsat berilýär.

Ýaşaýyş jaýlarynyň we beýleki maksatly binalaryň ýokarky gatlaryndan durmuş galyndylary üçin lagym turbalaryny önümleri kabul etmek, taýýarlamak we ýerlemek üçin niýetlenilen jaýlara çekmäge ýol berilmeýär.

40. Azyk önümleriniň galyndylary saklanylýan jaýlar, işgärler üçin hajathanalar suw almak üçin ýerden 0,5 metr beýiklikde ýeri ýuwmak üçin niýetlenilen suw garyjy kranlar bilen, şeýle hem ýer eňňit edilen ýodajyklar bilen üpjün edilmelidir.

41. Ähli düýpli söwda desgalary hajathanalar we işgärleriň ellerini ýuwmaklary üçin legenler bilen enjamlaşdyrylýar. Söwda meýdany 1000 inedördül metrden köp bolan söwda desgalarynda bu ýere gelýänler üçin hajathanalar gurnalýar. Işgärler we bu ýere gelýänler üçin niýetlenilen hajathanalar aýratyn bolmalydyr.

Gurulýan we durky täzelenilýän ähli söwda desgalarynda unitazlar we işgärleriň ellerini ýuwmaklary üçin legenler eliň goşmaça hapalanmagyny aradan aýyrýan enjamlar (el bilen işledilýän, basylyp işledilýän gurallar we başgalar) bilen enjamlaşdyrylmalydyr.

42. Lagym ulgamy ýok ýerinde ýerleşýän söwda desgalary üçin howluda suw gazylan çukurly, söwda desgasyndan azyndan 25 metr daşlykda ýerleşen howluda hajathanalary gurmaga ýol berilýär.

## Jaýlary şemallatmaga, salkynlatmaga, ýylatmaga, yşyklandyrmaga we işgärleriň zähmet şertlerine bildirilýän talaplar

43. Azyk söwdasy desgalarynyň jaýlaryny ýyladyş, şemalladyş we howasyny salkynladyş ulgamlarynyň gurnalyşy, kadalaşdyrylýan meteorologiki şertleri, önümçilik we ammar jaýlarynyň howasynyň arassalygyny, enjamlaryň, ýyladyş, şemalladyş we salkynladyş ulgamlarynyň işlemeginden döreýän zenzeläniň we sarsgynyň bellenilen kadalardan ýokary bolmadyk derejesini üpjün edýän tehniki çözgütleriň geçirilmegini göz öňünde tutmalydyr.

44. Önümçilik jaýlarynyň we gelýänler üçin niýetlenilen jaýlaryň içindäki howa ýagdaýynyň görkezijileri kadalaşdyryjy resminamalar arkaly göz öňünde tutulan gigiýeniki talaplaryna laýyk gelmelidir.

45. Söwda, ammar, kömekçi we sanitar-durmuş otaglary ulanylýan ölçegleriň hem-de kadalaryň talaplaryna laýyklykda howany täzeleýji-çekiji mehaniki şemalladyjylar bilen enjamlaşdyrylýar.

Külke önümler gaplanylýan jaýlarda azyk önümleri gyzgynlyk bilen polimer örtüge gaplanylýan ýerlerde mehaniki güýç berijileri bolan ýerli howa çekiş şemalladyjy enjamlary göz öňünde tutmak zerurdyr.

Şemalladyjy ulgamlaryň deşikleri ownuk demir gözenekler bilen ýapylýar.

46. Sanitar-durmuş hajatlary üçin niýetlenilen jaýlar (hajathanalar, suwa düşülýän ýerlerdäki otaglar, zenanlaryň gigiýenasynyň otaglary) söwda desgalarynyň esasy jaýlaryndaky howa alyş-çalyşyjynyň görkezijilerinden artýan, tebigy güýç berijileri bolan üzňe şemalladyş ulgamlary bilen enjamlaşdyrylýar.

47. Gök önümleri, miweleri, ir-iýmişleri we dürli iýilýän otlary saklamak üçin ýörite sowadylýan otaglar söwda guramasynyň beýleki şemalladyş ulgamlary bilen bagly bolmadyk mehaniki howa çekiji şemalladyjylar bilen enjamlaşdyrylmalydyr.

48. Mehaniki howa çekiji şemalladyş ulgamlarynda berilýän howanyň arassalanylmagyny we onuň ýylyň sowuk aýlarynda gyzdyrylmagyny göz öňünde tutmak maslahat berilýär. Howa sorujy şemalladyjylar üçin howa ýerden 2 metr beýiklikde alynýar. Daşarynyň howasynyň +25ºC we ondan hem ýokary bolýanlygyny hasaba alyp, söwda desgalarynda howany sowadyjy ulgamlary göz öňünde tutulmalydyr.

49. Çyglylygyň, ýylylygyň, tozanyň has köp çykýan çeşmeleri bolan enjamlar we ýuwulýan legenler özbaşdak howa çekiş ulgamlary bilen enjamlaşdyrylýar.

50. Ýaşaýyş jaýlarynda we beýleki maksatly binalarda ýerleşen söwda desgalarynyň şemalladyş ulgamlary bu binalary şemallatmagyň ulgamlaryndan aýratynlykda enjamlaşdyrylýar. Söwda desgalarynda azyk we azyk däl harytlaryň ammar jaýlary üçin şemalladyş ulgamlary aýratynlykda gurnalýar.

Howa çekiji wentilýasiýanyň minarasy azyndan 1 metr beýiklikde jaýyň eşekgeriş üçeginden ýa-da tekiz üst tarapyndan çykyp durmalydyr.

51. Jaýlarda iş orunlarynda zenzeläniň we sarsgynyň ýol berilýän derejesi iş orunlarynda, ýaşaýyş, jemgyýetçilik binalaryndaky jaýlarda we ýaşaýyş jaýlarynyň çäklerinde zenzeläniň, hem-de önümçilik sarsgynlarynyň, ýaşaýyş we jemgyýetçilik binalaryndaky sarsgynyň derejesine bildirilýän gigiýeniki talaplaryna laýyk gelmelidir.

52. Söwda desgalary ýyladyşa, şemalladyşa we salkynladyşa Türkmenistanyň gurluşyk kadalary bilen bellenilýän talaplara laýyklykda ýyladyş ulgamy bilen üpjün edilmelidir. Ähli jaýlarda ýyladyş gurallarynyň üst tarapy tekiz bolmalydyr hem-de syryp-süpürmek we abatlamak üçin elýeterli bolmalydyr.

53. Ähli söwda, ammar, kömekçi we edara ediş jaýlarynda tebigy hem-de emeli yşyklandyryş olara bildirilýän talaplara laýyk gelmelidir.

54. Iýmit önümleri saklanýan we goýberilýän otaglardaky yşyklandyryjylaryň olara zeper ýetmekden we aýna böleginiň iýmit önümlere düşmeginiň öňüni almak üçin gorag gaplary bolmalydyr. Iýmit önümleri saklanylýan ammarlarda pes temperaturaly otaglarda peýdalanmaga rugsat edilen yşyklandyryjylar ulanylmalydyr.

55. Yşyklandyryjy gurallar hapalanyşyna görä, ýöne aýda azyndan bir gezek süpürilmelidir. Içerki penjire we çyra aýnalary, söýegleri hepdede azyndan bir gezek, daş tarapyndan bolsa ýylda azyndan iki gezek, ýylyň maýyl wagtlary bolsa hapalanyşyna görä ýuwulýar hem-de süpürilýär.

56. Ýagtylyk düşýän ýerleri gaplar ýa-da önümler bilen öňüni gabalamak gadagan edilýär, şeýle hem aýna tutulan ýerleri faner, kardon bilen çalyşmak, reňklemek we başga çäreleri görmek gadagan edilýär. Döwlen penjire aýnasy haýal edilmän çalşyrylmalydyr.

Penjire aýnasynyň, witrinalaryň, sowadylýan witrinalaryň aýnasynyň üst tarapy tekiz we syryp-süpürmek, gözden geçirmek hem-de abatlamak üçin oňaýly bolmalydyr.

Ýagtylyk düşýän ýerleri günüň şöhlesinden goramak üçin gorag enjamlary (žalýuzlar, karnizler we başgalar) bilen enjamlaşdyrylýar.

57. Işgärleriň sanitariýa-durmuş üpjünçiligi hereket edýän sanitariýa kadalaryna, administratiw we durmuş maksatly binalar üçin gurluşyk kadalaryna laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

58. Söwda desgalarynda zähmeti köp talap edýän işleri mehanizmleşdirmek maslahat berilýär.

**Söwda desgalarynyň otaglarynyň meýilleşdirilişine, ýerleşdirilişine we gurnalyşyna bildirilýän talaplar**

59. Azyk önümleriniň ýaşaýyş jaýlarynda ýerleşen söwda desgalarynda gönüden-göni ýaşaýyş jaýlarynyň aşagynda (gapdalynda) maşyn bölümlerini, sowadyjy kameralary, ýük göteriji abzallary, umumy şemalladyş ulgamyny oturtmak gadagan edilýär.

Enjamlar ýerleşdirilen mahaly söwda işgärleriniň zerur zähmet şertlerini we adamlaryň ýaşamagy üçin şertleri üpjün edýän sarsgyndan-zenzeleden goraýan gurluşy göz öňünde tutmak zerurdyr.

60. Ýaşaýyş jaýynyň ýanynda we goşmaça gurlan söwda desgalary üçin ýük düşürilýän meýdançalary Türkmenistanyň Gurluşyk we gurluşyk materiallary ministrliginiň 2006-njy ýylyň 12-nji oktýabrynda çykaran №MB-99 buýrugy bilen tassyklanan we Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2007-nji ýylyň 18-nji iýulynda №440 belgi bilen hasaba alnan "Ýaşaýyş jaýlary" atly TGK 2.08.01-06-nyň talaplaryna laýyklykda enjamlaşdyrmak gerek.

Ýük düşürilýän meýdançalar azyk önümlerini ýagýan ygallardan goramak üçin telär bilen üpjün edilmelidir, şeýle hem meýdançalary ýuwmak üçin suw çekilmelidir.

61. Ýükleri düşürmegi ýaşaýyş jaýlarynyň penjiresiniň ýok tarapyndan; ýerasty geçelgelerden; ýörite ýük düşürilýän jaýlar bolan mahaly ýollaryň ýerleşýän

tarapyndan geçirmek gerekdir. Sowma we ýük düşürilýän meýdançalar gaty örtük bilen örtülen bolmalydyr.

62. Ýaşaýyş jaýynyň penjiresiniň we girelgesiniň ýerleşýän howly tarapynda harytlary düşürmek gadagan edilýär.

63. Söwda desgalarynda ähli jaýlar ulanylyşynyň yzygiderligini hasaba alyp, çig we taýýar önümleriň, azyk harytlarynyň, işgärleriň hem-de bu ýere gelýänleriň gatyşyp garyşmalary bolmaz ýaly edilip ýerleşdirilmelidir.

Jaýlaryň her topary: ýük düşürilýän, ammar jaýlary, azyk önümleri satmak üçin taýýarlanylýan jaýlar, iş, durmuş hajatlary üçin, kömekçi, söwda jaýlary we başgalar aýratyn topluma birleşdirilmelidir.

Jaýlaryň aýry-aýry toparlarynyň; ýük düşürilýän, ammar jaýlarynyň, önümleri satmak üçin taýýarlanylýan jaýlaryň, söwda jaýlarynyň arasynda tehnologiki aragatnaşyk bolmalydyr.

Gaplaýyş we daňy-sargy serişdeleri, öwseleleri we önümçilik gaplary, tehnologiýa enjamlary, gap-gaç ýuwmak, ilatdan çüýşe gap-gaçlary kabul etmek üçin, harytlary öýe eltmek boýunça ekspedisiýa üçin jaýlar, eýwanlar kömekçi jaýlaryň düzümine girýär.

64. Düýpli gurlan bölek satuw söwda desgalarynyň azyndan iki girelgesi (alyjylar we gulluk girelgeleri) bolmalydyr. Başga maksatly binalarda ýerleşen söwda desgalarynyň üzňelikdäki girelgeleri bolmalydyr.

65. Söwda desgalarynyň ýöriteleşdirilen bölümleri bolan mahaly olarda azyk önümlerini satmaga taýýarlamak üçin üzňeleşdirilen we ýörite enjamlaşdyrylan jaýlary, et çapylýan jaýlar, süýt-ýag önümleri, balyklary, gök önümleri we beýlekileri taýýarlamak üçin jaýlar bolmalydyr.

Azyk önümlerini saklamak we satmak, taýýarlamak üçin niýetlenilen jaýlar ýük ýüklenilýän we ýerlenilýän ýerlere mümkin boldugyça ýakynda ýerleşdirilmelidir hem-de üstünden geçilip duran ýer bolmaly däldir.

66. Söwda desgalarynda iýmit önümleriniň dürli görnüşleri üçin, ýörite gaplanylýan stollar we zatlar bilen enjamlaşdyrylan aýratyn gaplanylýan ýerleri göz öňünde tutmak gerekdir. Tiz zaýalanýan iýmit önümleri gaplanylýan otaglar, önümleri saklamak üçin sowadyjylar bilen enjamlaşdyrylýar.

Önümleri gaplamak üçin niýetlenen otag gyzgyn we sowuk suw ulgamyna çatylan 2 gözli legenler we el ýuwguçlar bilen enjamlaşdyrylan bolmalydyr we suwlary kabul edýän guýgujyň ýokarsyndan azyndan 20 millimetr aralyk bilen bölünip, lagym ulgamyna birikdirilýär.

67. Uly demir gaplar bilen iş salyşýan söwda desgalarynda şol gaplaryň saklanýan we arassalanýan otaglary göz öňünde tutulmalydyr.

68. Söwda kärhanalarynyň müşderilere hyzmat edýän bölümlerinde: buýurma kabul edilýän, önümleriň taýýarlanýan, gaplanýan, tiz zaýalanýan önümleriň saklanýan sowadyjy abzally we el ýuwguçlar bilen üpjün edilen otaglar bolmalydyr.

69. Kömekçi, iş dolandyryjy-hojalyk we işgärler üçin niýetlenen durmuş otaglary iýmit önümleri saklanýan otagdan aýratyn ýerleşdirilmelidir.

70. Iýmit önümleriniň saklanýan we satuwa taýýarlanýan otaglary, sowadyjy abzallar, suwa düşülýän we ýuwnulýan otagyň, hajathananyň aşagynda ýerleşdirilmeli däldir.

71. Sowadyjy kameralaryň ýyladyş enjamlarynyň, suwa düşülýän, şeýle hem ýokary temperaturaly we çyglylygy bolan otaglaryň ýanynda ýerleşdirilmegine ýol berilmeýär.

Sowadyjy kameralaryň içinden lagym, ýyladyş ulgamlarynyň turbalarynyň, howa çalşyjy ulgamyň howa geçirijileriniň geçirilmegine ýol berilmeýär.

72. Söwda desgalaryna önümleriň gije getirilýän ýagdaýynda ol ýerde önümleri talaba laýyk kabul etmek we saklamak üçin şertler döredilen aýratyn jaýlar göz öňünde tutulmaly. Aýratyn çalt zaýalanýan önümler üçin sowadyjy kameralar göz öňünde tutulmaly.

Ýaşaýyş jaýlarynda ýa-da olara degşirilip ýerleşen söwda nokatlaryna iýmit önümleriň gije getirilmegi (sagat 23.00-dan 7.00-a çenli) gadagan edilýär.

73. Söwda desgalarynyň otaglaryny timarlamak, örtmek, reňklemek işleri üçin ulanylýan serişdeler çyga, ýokary we pes temperatura, ýuwujy we zyýansyzlandyryjy serişdelere durnukly bolup, şol maksatlar üçin bellenilen tertipde ulanylmaga rugsat berlen bolmaly. Aýratyn çalt zaýa bolýan iýmit önümleriniň ýerlenilýän ýeriniň diwary azyndan 2 metr ýokarlygyna aýna syrçalar bilen örtülen bolmalydyr. Sowadyjy otaglaryň tutuş diwarynyň ýüzi aýna syrçalary bilen örtülmelidir.

74. Söwda desgalarynyň poly çyga durnukly materiallardan ýasalmaly we tekiz bolup ýollara garşy eňňitli bolmaly. Asfaltlanan ýerleri iýmit önümleriniň awtoulaglardan düşürilýän ýerinde rugsat berilýär.

75. Azyk söwda desgalary Türkmenistanyň sanitariýa kadalary we düzgünleri, gurluşyk kadalary bilen bellenilýän talaplara laýyklykda durmuş otaglary bilen üpjün edilmelidir.

76. Işgärleriň geýim çykarýan we suwa düşýän ýerleri sanitar geçelge görnüşinde enjamlaşdyrylan bolmaly. Kärhanalaryň umumy meýdany 650 м² deň we köp bolanda zenanlaryň arassaçylyk otaglaryny hökmany göz öňünde tutmaly.

77. Egin-eşik goýulýan, duş, hajathana we aýallaryň şahsy arassaçylygy üçin niýetlenen otaglarynyň diwarlary 2 metr beýiklikde Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralarynyň rugsat beren ýuwujy serişdeleri, gyzgyn suw bilen ýuwmaklyga durnukly bolan serişdeler bilen örtülen bolmaly. Bu jaýlaryň diwarlarynyň 2 metrden ýokarsynyň we potologynyň ýüzi suwa çydamly örtük bilen örtülen bolmaly.

78. Işgärleriň sanitar eşikleri açyk usulda saklanmaly. Munuň üçin durmuş otagyndaky eşik çalşyrylýan, açyk tekjeler we asgyçlar bilen enjamlaşdyrylan bolmaly.

79. Hajathananyň öňündäki otag sanitar eşiklerini asar ýaly asgyçlar, gyzgyn we sowuk suw ulgamyna çatylan elýuwguçlar, elektroguradyjylar ýa-da bir gezek ulanylýan süpürgiçler, ýüz görülýän aýna bilen üpjün etmeli. El ýuwguçlaryň öňünde sabyn bolmaly.

80. Durmuş otaglary her iş tapgyrynda azyndan 1 gezek №2-nji goşunda laýyklykda Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary tarapyndan ulanmaklyga rugsat berlen beýleki ýuwujy we zyýansyzlandyryjy serişdeleri bilen arassalanyp, ýuwulyp we zyýansyzlandyrylyp durulmalydyr.

81. Hajathanalar üçin syrylyp-süpürilýän sübseler anyk belgilenen, duýduryş reňkli bolup, ýörite bölünip berlen ýerde, beýleki otaglaryň syrylyp-süpürilýän sübselerinden aýratynlykda saklanylmalydyr.

82. Iýmit önümleriniň kabul edilýän, saklanýan we taýýarlanýan otaglaryna keseki adamlar diňe sanitar eşikde iş dolandyryjylaryň rugsat bermegi bilen goýberilýär.

83. Iýmit önümleriniň söwdasyny edýän desgalarda azyk däl harytlary senagat gaplarda satmaklyga rugsat berilýär. Beýle ýagdaýda azyk we azyk däl harytlarynyň söwdasyny edýän kärhanalaryň ammar we söwda otaglary aýratyn ýerleşdirilmelidir. Söwda nokatlarda azyk we azyk däl harydyň satylýan bölümleri aýratyn bolmalydyr. Azyk däl harytlar azyk harytlaryň golaýynda satylmaly däldir. Azyk däl harytlary azyk harytlarynyň gapdalynda gabyndan boşatmaklyk gadagan edilýär.

Oba ýerlerinde ýerleşýän söwda nokatlarynda azyk we azyk däl harytlaryň bilelikde ýerleşdirilmegi Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary bilen ylalaşylmalydyr.

### Söwda desgalarynda enjamlara, öwselelere, gurallara we gap-gaçlara bildirilýän talaplar

84. Söwda desgalary hereket edýän kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk gelýän, iýmit önümleri bilen galtaşdyrmaga Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary tarapyndan rugsat berlen, ýuwmaga we zyýansyzlandyrmaga oňaýly söwda-tehnologiki, sowadyjy we beýleki enjamlar, gurallar, gap-gaçlar, gaplaýjy gaplar, bilen üpjün edilen bolmaly.

85. Söwda-tehnologiki we sowadyjy enjamlar kärhananyň görnüşine, onuň kuwwatyna laýyk gelmelidir, şeýle hem azyk önümleriniň söwdasy kärhanalarynyň üpjünçiliginde hereket edýän kadalara laýyk gelmelidir.

86. Söwda tehnologiki we sowadyjy enjamlaryň ýerleşişi olara barmak üçin oňaýly şert döredilip, çig we taýýar önümleri biri-biriniň üstünden geçmeli däl.

87. Aýratyn çalt zaýa bolýan iýmit önümleriniň söwdasyny alyp barýan söwda desgalary, bölümler hökman sowadyjy enjamlar: sowadyjy tekjeler, witrinalar, şkaflar we ş. m. bilen üpjün edilmeli.

88. Iýmit önümlerini satmaklyk üçin ulanylýan tekjeler mermer, plastik, alýuminiý we ş.m. Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary tarapyndan ulanylmaga rugsat berlen materiallar bilen örtülen bolmaly. Iýmit önümlerini saklamak üçin gözenekler, sekiler, poddonlar tekiz üstli, aňsatlyk bilen ýuwulýan we zyýansyzlandyrylýan serişdelerden ýasalan bolmaly. Sekileriň we poddonlaryň poldan beýikligi azyndan 15 santimetr bolmaly.

89. Et çapmak üçin çapgy ýassyklary daşyndan ýagly boýaglar bilen reňklenilýär we atanak goýlan agajyň üstünde ýa-da ýörite goýulýan ýerinde oturdylýar, her gün iş gutarandan soň pyçak bilen arassalanýar we duz sepilýär, mahal-mahal çapgy ýassygynyň üst tarapy byçgylanylyp aýyrylýar, et böleklere bölünýän tagtalaryň üst tarapy bolsa gyrylyp durulýar.

Et çapmak, böleklemek üçin ýörite niýetlenilen elektrik byçgylaryny we pyçaklaryny ulanmaklyk maslahat berilýär.

Bölekleýji tagtalar we pyçaklar olar bilen işlenilip geçilýän şu önümlere laýyklykda belgilenilýär we degişli bölümlerde ýörite bellenilen ýerde saklanylýar: "ÇE"-çig et, "ÇB"-çig balyk, "ÇBÖ"-çig bakja önümler, "BE"-bişirilen et, "BB"-bişirilen balyk, "BBÖ"-bişirilen bakja önümleri,"EÖ" – et önümleri, "Ç"-çörek, "G"-gök otlar, "S"-seld, "GBÖ"- gastronomiýa balyk önümleri.

90. Bölekleýji tagtalar we pyçaklar her önümiň görnüşine görä anyk belgilenen, aýratynlykda bolmaly we degişli bölümlerde ýörite bellenilen ýerde saklanylmaly.

Et we balyk bölmek, çapmak üçin tagtalaryň üst tarapy tekiz, jaýryksyz bolan berk agaçdan ýasalmalydyr.

91. Et asmak üçin gaňyrçaklar poslamaýan polatdan ýasalmalydyr (galaýylanan gaňyrçaklaryň ulanylmagyna ýol berilýar).

Iş gutarandan soň et üwelýän abzaly sökmeli, gyzgyn suw bilen göwnejaý ýuwmaly we şol suwa çaýkamaly, guratmaly, gurulygyna süpürmeli iş ýagdaýyna getirmek üçin düzmeli we gury örtük ýa-da süpürgiç bilen üstüni ýapyp goýmaly.

92. Söwda desgalarynda ähli sowadyjy enjamlar azyk önümlerini saklamagyň temperatura düzgüniniň berjay edilişine gözegçilik etmek üçin termometrler bilen üpjün edilýär. Sowadyjy enjamlaryň işine gözegçilik etmek üçin simaply termometrleriň ulanmagyna ýol berilmeýär. Sowadyjy kameralarda termorele we (ýa-da) temperatura-çyglylyk düzgünini sazlaýjy hem-de hasaba alyjy ulgam bilen enjamlaşdyrmak ündelýär.

93. Bazalarda, ammarlarda, miwe-gök önümler saklanylýan jaýlarda iýmit önümleriniň, şol sanda gök önümleriň, miweleriň, ir-iýmişleriň, konserwleriň, külke önümleriň we başgalaryň saklanylyşynyň temperatura-çyglylyk düzgünine yzygiderli gözegçilik amala aşyrylmaly.

Sowadyjy kameralaryň, ammar jaýlarynyň, gök önümler, miweler we başga önümler saklanýan jaýlaryň howasynyň temperaturasyna görnüp duran ýerde, gapylardan we bugardyjylardan daşlykda oturdylan termometrleriň kömegi bilen her gün gözegçilik edilýär. Howanyň belli bir derejedäki çyglylygyna gözegçilik, hepdede bir gezek psihrometriň kömegi bilen geçirilýär.

Temperaturany we belli bir derejedäki çyglylygy ölçäp görmegiň netijeleri ýörite depdere ýazylýar. Iýmit önümleriniň saklanyşynyň temperatura-çyglylyk düzgüniniň berjaý edilişine edaranyň ýolbaşçylary (edaranyň eýesi) gözegçilik edýär.

94. Azyk önümleriniň söwdasy bilen meşgullanýan uly kärhanalarda birmeňzeş iýmit önümlerini saklamak üçin aýratyn sowadyjy kameralar we otaglar bolmaly.

95. Gaplanyş serişdeleri ýörite bellenilen ýerde: sekilerde, tekjelerde, şkaflarda saklanylmaly. Gaplanyş serişdeleriniň gönüden-göni ýerde saklanylmagy gadagan edilýär.

Iýmit önümlerini ýerleýän söwda kärhanalarynyň her birinde polietilen gaplaryň (paketleriň) we beýleki gaplaýyş serişdeleriniň ätiýaçlyk gorlary bolmaly.

96. Galyndylary we hapalary toplamak üçin jaýlarda gapakly agzy basylyp açylýan metal ýa-da plastmassa gaplar oturdylýar. Olar doluşyna görä, ýöne üçden iki böleginden köp bolmadyk möçberde boşadylyp arassalanylmalydyr, iş gutarandan soň bolsa kalsinirlenen sodanyň 1-2% gyzgyn ergini (45-50 ºC), ýa-da beýleki ýuwujy serişdeler bilen ýuwulýar, soňra bolsa gyzgyn suwa çaýkalýar.

97. Söwda, ammar we beýleki jaýlar syrylyp-süpürilýän sübseler (bedre, çotga we başgalar) belgilenilmelidir, aýratyn jaýda goýulmalydyr, agzy ýapyk, munuň üçin ýörite bellenilen şkaflarda ýa-da diwardaky ýapyk ýerlerde aýratynlykda saklanylmalydyr.

98. Sowadyjy kameralary, sowadyjy şkaflary we söwda witrinalaryny, tekçelerini, sekilerini syryp-süpürmek üçin bu babatda ýörite niýetlenen, belgilenen öwsele bolmalydyr.

## Azyk önümlerini kabul etmek we saklamaga bildirilýän talaplar

99. Söwda desgalarynda hili we howpsuzlygy boýunça kadalaşdyryjy we tehniki resminamalaryň talaplaryna laýyk gelýän, şeýle hem olaryň gelip çykyşyny, hilini we adamyň saglygy üçin howpsuzlygyny tassyklaýan resminamalary bolan iýmit önümleri saklamaga kabul edilýär.

100. Kabul edilýan çalt zaýalanýan, doňdurylan we aýratyn çalt zaýalanýan iýmit önümleriniň mukdary işleýän sowadyjy enjamyň göwrümine laýyk gelmelidir.

Saklamagyň has berk düzgünleri talap edilýän önümlerden başga çalt zaýalanýan önümler 6 gradus maýyllykdan ýokary bolmadyk temperaturada saklanylmalydyr hem-de ýerlenilmelidir.

101. Söwda desgalaryna gelýän iýmit önümleriniň hili telekeçiler, harytşynaslar, ammarçylar, müdirler, ýa-da desganyň ýolbaşçylary tarapyndan barlanylýar.

Iýmit önümlerini kabul etmek ýany bilen ugradylýan resminamalary, gaplanylyşynyň hilini, azyk önümleriniň ýany bilen ugradylýan resminamalara hem-de daşky gabynda (gap örtüginde) bellenilen bellige laýyk gelýandigini barlamakdan başlanýar.

102. Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary, diňe ýörite sanitariýa-epidemiologiki görkezmeler bar bolanda, iýmit önümleriniň gigiýeniki ekspertizasyny geçirýärler.

Önümleriň zaýalanandygynyň görnetin alamatlary, gaplary ýetmezçilikli bolan, şeýle hem ýaramlylyk möhletleri geçen iýmit önümleri ýerinde harytşynaslar tarapyndan özbaşdak ýaramaz hasap edilýär.

103. Azyk önümleri arassa, gury, gaýry ys-koklar bolmadyk we abatlygy bozulmadyk gaplarda we gap örtüginde kabul edilýar.

104. Azyk önumleri önumiň her bir görnuşi uçin degişli temperatura, çyglylyk ölçegleri we ýagtylyk düzgüni bolan mahaly ulanylýan kadalaşdyryjy hem-de tehniki resminamalara laýyklykda saklanylmalydyr (sarp ediş gaplaryndaky iýmit önümleri üçin saklamak we ýerlemek barada öndüren zawodyň maglumatyna laýyklykda).

105. Sowadyjy serişdeler bilen üpjün edilmedik azyk söwda kärhanalarynda çalt zaýalanýan we aýratyn çalt zaýalanýan azyk önümlerini kabul etmek, saklamak we ýerlemek gadagan edilýär.

106. Çalt zaýalanýan, aýratyn çalt zaýalanýan azyk önümlerini sowadylýan şertlerde saklamak diňe bir ammar jaýlarynda däl, eýsem, olaryň gönüden-göni ilata satylýan ýerlerinde hem üpjün edilmelidir.

107. Söwda desgalarynda ýerlenilýän Türkmenistanda öndürilen iýmit önümleri, azyklyk çig mallary öndüriji kärhananyň önümiň gelip çykyşyny tassyklaýan resminamalary (fakturalar, ýanhatylar), şeýle hem önümiň hilini we adamyň saglygy üçin howpsuzlygyny tassyklaýan hil şahadatnamalary ýa-da Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary tarapyndan bellenilen tertipde berlen laýyklyk güwänamalary bilen ugradylmalydyr.

Import edilýän önümleriň ýanyna goşulýan resminamalary-önümleriň gelip çykyşyny tassyklaýan fakturalar, ýanhatylar, satyn alnandygy barada delilnamalar, şeýle hem önümiň hilini we adamyň saglygy üçin howpsuzlygyny tassyklaýan Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary tarapyndan bellenilen tertipde berlen laýyklyk güwänamalary.

Iýmit önümleriniň etiketkalarynda, ýarlyklarynda önümleriň belgilenmegine bildirilýän talaplara laýyklykda maglumatlar belgilenmelidir.

108. Çalt zaýalanýan iýmit önümlerini, şol önümleri öndürijiniň, iberijiniň gabynyň bitewiligi bozulandan soň, olara öndüriji tarapyndan bellenilen ýaramlylyk möhletinden ýokary bolan ýaramlylyk möhletini bellemek maksady bilen, söwda desgalarynda gaýtadan gaplamaklyga ýol berilmeýär.

Gaby açylan çalt zaýalanýan iýmit önümleri, gaby açylan wagtyndan başlap 12 sagatdan köp bolmadyk möhletde saklanyş şertleri (temperatura, çyglylyk) berjaý edilip ýerlenilmelidir.

109. Ýany bilen ugradylýan resminamalar, şeýle hem iberijiniň gabyndaky etiketkalar, ýarlyklar iýmit önümleriniň ýaramlylyk möhletleri gutarýan wagtyna çenli saklanylmalydyr.

110. Ammar jaýlaryny, sowadyjy kameralary, miwe-gök önümler saklanylýan jaýlaryny azyk önümleri bilen olary saklamagyň möhletleriniň has aýyl-saýyl berjaý edilmegi we hiline gözegçilik etmek maksady bilen, tapgyrma-tapgyr doldurmak zerurdyr.

111. Azyk önümleri saklanylan mahaly harytlaryň ýanaşyk ýerleşmeginiň kadalary, üýşürip goýmagyň ölçegleri berk berjaý edilmelidir. Özboluşly yslary bolan önümler (seld, spesiý we başgalar), yslary siňdirýän önümlerden aýratynlykda saklanylmalydyr.

Çig önümleri we ýarym fabrikatlary taýýar azyk önümleri bilen, zaýalanan ýa-da hili boýunça şübhe döredýän azyk önümlerini oňat hilli azyk önümleri bilen bilelikde saklamak, şeýle hem azyk önümleri üçin niýetlenen ammar jaýlarynda gaplary, teleźkalary saklamak gadagan edilýär.

112. Ammar jaýlarynda, sowadylýan kameralarda, kömekçi jaýlarda we başgalarda ähli azyk önümleri sekilerde, poddonlarda ýa-da harytlar salmak üçin ýasalan gaplarda saklanylmalydyr.

Iýmit önümlerini suw geçiriji we lagym turbalaryň, ýyladyş gurallarynyň golaýynda, ammar jaýlaryndan daşarda, şeýle hem gös-göni polda üýşürip goýmaga ýol berilmeýär.

113. Sowadylan et (läşler we ýarym läşler) olar öz aralarynda, jaýyň diwaryna we poluna degmez ýaly edilip gaňyrçaklarda asyp goýmak bilen saklanylýar.

Doňdurylan et sekilerde we harytlary goýmak üçin ýasalan gaplarda saklanylyp bilner.

Et ýarym fabrikatlary, garyn-içege önümleri, doňdurylan we sowadylan guş eti önüm iberijiniň gabynda saklanylmalydyr. Şol önümleriň içinde bolan çelekler hatara düzülen mahaly çelekleriň arasynda howanyň göwnejaý şemallap durmagy üçin tagtalary goýmak zerurdyr.

Et diňe weterinaryň tagmasy we weterinariýa gullugynyň gözden geçirmegine we netijenamasyna  şaýatlyk edýän resminama bar mahaly kabul edilýär.

Weterinariýa şahadatnamasy bolan, ýöne tagmasy bolmadyk, şeýle hem şertli ýagdaýdaky ýaramly diýlip hasaplanan eti kabul etmek düýbünden gadagandyr.

Azyk söwdasy kärhanalarynda soýulmadyk guşlaryň, şeýle hem ýabany guşlaryň we haýwanlaryň etini kabul etmek gadagan edilýär.

114. Azyk söwdasy desgalarynda sowadylan balyk önüm iberijiniň gabynda 0 gradusdan 2 gradus sowuga çenli temperaturada 48 sagada çenli saklanmalydyr.

Doňdurylan balyk çelekleriň arasyna tagta goýmak bilen, kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyklykda hatara goýlan çeleklerde saklanylýar. Söwda desgalarynda janly balyk kislorod bilen baýlaşdyrylýan arassa suwly akwariumda suwuň temperaturasy 10ºC maýyllykdan ýokary bolmadyk mahaly ýylyň maýyl günleri 24 sagatdan köp bolmadyk, sowuk günleri 48 sagatdan köp bolmadyk wagtlap saklanylýar.

Janly balyk bilen geçirilýän möwsümleýin söwda, sanitariýa kadalarynyň we söwda kadalarynyň talaplary berjaý edilen şertlerinde Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralarynyň we ýerli ýerine ýetiriji häkimiýetleriň rugsat bermegi bilen guralyp bilner.

Gyzgyn kakadylan balyk -2 gradusdan +4 gradusa çenli temperaturada 48 sagada çenli saklanmalydyr.

Sowuk kakadylan balyk önümleri -2 gradusdan +4 gradusa çenli temperaturada 72 sagada çenli saklanmalydyr.

Sowadylan balygy, gyzgyn kakadylan balygy, balykdan edilen kulinariýa önümlerini we ýarym fabrikatlary bazalara we ammarlara kabul etmek hem-de olarda

saklamak gadagan edilýär, şol önümler ýerlenilmegi üçin gös-göni dükanlara gelip gowuşmalydyr.

115. Ýumurtgalaryň her tapgyry üçin salmonellýoz we guşlaryň beýleki ýokanç keselleri babatda guşçulyk hojalygynda ýagdaýyň göwnejaýdygy hakyndaky weterinariýa şahadatnamasy (№2 görnüş) bolmazdan ýumurtgalary, şeýle hem inkubatorda goýlan (miraž) hapa towuk ýumurtgalaryny, suwda ýüzýän guşlaryň (ördek, gaz) ýumurtgalaryny, jaýryk atan (döwlen), daş örtügi bozulan (pak) ýumurtgalary kabul etmek gadagan edilýär.

Ýumurtgalaryň beýleki gaplanylmadyk önümler bilen (mesge ýagy, dorog, peýnir, şöhlat we başgalar) ýerlemek gadagan edilýär.

Ýumurtgalar 0ºC-dan 20ºC-a çenli maýyllykdaky temperaturada saklanylýar-berhizlik ýumurtgalar 7 gije-gündiz; naharhana üçin niýetlenilen ýumurtgalar 25 gije-gündiz; sowadyjylardaky ýumurtgalar 0 ºC-dan 2 ºC maýyllyga çenli temperaturada 120 gije-gündizden köp bolmadyk möhletde saklanylýar.

116. Gaplanylyşy bozulan, hapa çüýşe gaplarda, ýany bilen ugradylýan resminamasyz süýt önümlerini kabul etmek we ýerlemek gadagan edilýär.

117. Gury çaga süýt garnuwlaryny saklamak üçin zerur şertler bolmadyk we ýöriteleşdirilmedik azyk söwdasy kärhanalarynda şol önümleri kabul etmek, saklamak we ýerlemek gadagan edilýär. Türkmenistanda öndürilen gury çaga süýt garnuwlary 10 ºC maýyllykdan ýokary bolmadyk temperaturada we howanyň belli bir derejedäki çyglylygy 75%-den ýokary bolmadyk ýagdaýynda, import edilýän gury çaga süýt garnuwlary bolsa öndürijiniň maslahatyna laýyklykda saklanylýar. Çagalar üçin süýt garnuwlary önümiň her bir görnüşi üçin bellenilen möhletler berk berjaý etmek bilen ýerlenilmelidir.

118. Azyk söwda kärhanalarynda senagat taýdan öndürilen doňdurmalar 12 ºC maýyllykdan ýokary bolmadyk temperaturada 5 günden köp bolmadyk möhletde, sowadyjy serişdeler bilen enjamlaşdyrylan bölek satuw ulgamynda (lotoklarda, pawilýonlarda, larýoklarda, kiosklarda) 48 sagatdan köp bolmadyk möhletde saklanylmalydyr.

119. Maýonez önümleriň her bir görnüşi üçin bellenilen ýaramlylyk möhletlerine laýyklykda 3 ºC-dan 18 ºC-a çenli maýyllykdaky temperaturada we howanyň belli bir derejedäki çyglylygy 75%-e barabar bolan mahaly garaňkyladylan jaýlarda saklanylýar.

Maýonezi oňa göni gün şöhlesi düşýän ýagdaýda we 0 ºC-dan aşaky temperaturada saklamak hem-de daşamak gadagan edilýär.

120. Gyzgynlygy 6 ºC-dan pes bolmadyk ýagdaýda çörek we çörek-bulka önümleri arassa, gury, oňat şemalladylýan jaýlara kabul edilýär we şol jaýlarda saklanylýar. Çöregi we çörek-bulka önümlerini satýan edara-kärhanalaryň kömekçi otaglarynda ýapyk şkaflarda, oturymly ýa-da hereket edýän stellažlarda we gap-enjamlarda saklanylýar.

Çöregi we çörek-bulka önümlerini üýşürip, jaýlaryň diwaryna ýakyn edilip, önüm üçin ýasalan gaplar bolmazdan, şeýle hem kömekçi jaýlarda poldan 35 santimetrden az

aralykda ýerleşýän, söwda zallarynda 60 santimetrden az aralykda ýerleşýän sekilerde saklamaga ýol berilmeýär.

Saklanylýan we satylýan mahaly çöregiň we çörek-bulka önümleriniň heňlemeginiň alamatlary ýüze çykarylan halatlarynda şeýle önümleri söwda zalyndan we ammar jaýyndan haýal etmän aýyrmalydyr. Şolaryň saklanylýan polkalary ýuwujy serişdeler ulanylyp, ýyly suw bilen ýuwulmalydyr we sirke turşysynyň 3%-li barabar ergini bilen süpürilmelidir.

Çöregiň heňlemeginiň öňüni almak maksady bilen, çörek saklanylýan tekjeler azyndan hepdede bir gezek ýuwujy serişdeler ulanylyp ýyly suw bilen ýuwulmalydyr, sirke turşysynyň 1%-li ergini bilen süpürilmelidir we guradylmalydyr.

Guradylan çörekler we önümler çöregi we çörek-bulka önümlerinden aýratyn ýerde, ýaşşiklerde we gaplarda saklanyp, stellažlara ýa-da şkaflara, şeýle hem, gaplanan görnüşde gapda-enjamlarda ýerleşdirilmelidir.

121. Kremli süýji-köke önümleri kabul edilen mahaly olary önüm iberijiniň lotoklaryndan başga ýere geçirmek, şeýle hem olary öz-özüňe hyzmat etmek usulynda gaplanylmadyk görnüşinde ýerlemek gadagan edilýär.

Söwda desgalarynda sarp ediş gabyna bir sanda gaplanylmadyk tortlary, şeýle hem berk ýapylýan gapakly lotoklara gaplanylmadyk pirožnileri kabul etmäge ýol berilmeýär.

Tortlary we pirožnileri listlerde ýa-da lotoklarda daşamaga ýa-da ondan-oňa geçirmäge ýol berilmeýär.

122. Alkogolsyz içgiler howanyň belli bir derejedäki çyglylygy 75%-den köp bolmadyk ýagdaýynda gury, şemalladylýan we garaňkyradylan jaýlarda saklanylmalydyr. Alkogolsyz içgileri ýerlemegiň möhletleri we saklamagyň temperatura düzgüni ulanylýan standartlaryň hem-de tehniki şertleriň talaplaryna laýyk gelmelidir.

Ýerlemegiň möhleti geçen alkogolsyz we gowşak alkogolly içgileri, şeýle hem durkunyň daş örtüginde degişli belgileri bolan çüýşelerden başga, etiketkasyz, dykysyna zeper ýeten çüýşelerde, çökündisi bolan we başga hili ýetmezli içgileri kabul etmek hem-de ýerlemek gadagan edilýär.

123. Konserwirlenilen önümler ýerlenilmäge berilmezinden öňürti maddy taýdan jogapkär adam (telekeçi, ammar müdiri), ýerlenilýän mahaly bolsa satyjy olary hökmany tertip boýunça gözden geçirmeli.

Azyk hökmünde ýaramsyz konserwirlenen önümler ýüze çykarylan halaty, olaryň her bir tapgyrynda olary mundan beyläk-de peýdalanmak baradaky meseläni çözmek üçin soňra ýokarda durýan gurama tarapyndan tassyklanylan topara bermek bilen, delilnama düzmelidir. Azyk önüminde ýaramsyz diýlip ykrar edilen konserwirlenen önümler ýaramsyz diýlip hasap edilen bankalaryň sanyny takyk görkezmek bilen, aýratyn hasapda goýlup aýratyn jaýda saklanmalydyr.

Kärhananyň ýolbaşçysy (ýa-da önümiň eýesi) ýaramsyz hasaplanylan bankalaryň saklanmagyny we olaryň soňra peýdalanylmagy üçin jogapkärçilik çekýär.

Konserwirlenen önümleriň bir tapgyrynda 2%-den köp bakteriologiki taýdan ýaramsyz (bombaž) diýlip ýüze çykarylan halatlarda kärhana şol tapgyrdaky konserwirlenen önümleri ýerlemegi togtatmaly we konserwirlenen önümleriň çykarylan tapgyrynyň soňraky ýagdaýy hakyndaky meseläni çözmek üçin belli-belli guramalara we arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugyna habar bermeli.

Şol bankalaryň ýok edilýän ýeri we ýok etmegiň usuly hakyndaky meseläni kärhananyň yolbaşçysy Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary bilen ylalaşyp çözýär.

124. Külke önümler ammarlardaky zyýan beriji mör-möjekler bolmadyk, howanyň belli bir derejedäki çyglylygy 75 %-den köp bolmadyk gury, arassa, göwnejaý ýagdaýda şemalladylýan jaýlarda saklanylýar;

Bu önümler sekilerde diwardan 50 santimetr aralykda, hatarlaryň aralygy azyndan 75 santimetr bolmagy bilen, hatar edilip haltalarda saklanylýar.

125. Azyk üçin ulanylýan nahar duzy beýleki önümlerden üzňeleşdirilen, ýagtylygyň göni düşmeginden goralan ýerde saklanylýar. Ýodlanan duzy saklamagyň kepillendirilen möhleti öndürilen pursatyndan başlap 12 aýdyr.

126. Ter miweler we gök önümler zerur temperatura-çyglylyk düzgünini berjaý etmek bilen, tebigy ýagdaýda yşyklandyrylmadyk ýörite şemalladylýan ammar jaýlarynda gaba gaplanan görnüşinde saklanylýar. Miwe-gök önümleriniň saklanylmaly temperaturasy olaryň görnüşine baglylykda howanyň belli bir derejedäki çyglylygy 70-95 % çenli bolan mahaly 3 ºC maýyllykdan 12 ºC maýyllyga çenli üýtgäp durýar.

127. Gök-miwe önümleri saklamak üçin ýöriteleşdirilen, düýpli guralan jaýlar mejbury howa alyş-çalşyny üpjün edýän enjamlar gurnalmaly we ulanylýan kadalaşdyryjy-tehniki resminamalaryň talaplaryna laýyklykda önümiň her bir görnüşi üçin zerur temperaturany hem-de howanyň belli bir derejedäki çyglylygyny üpjün etmelidir.

128. Doňdurylan gök önümler we miweler 18 ºC sowuk temperaturada we howanyň belli bir derejedäki çyglylygy 90-95 %-e barabar bolan mahaly 9-12 aý saklanylýar, olar bölek satuw ulgamyna 12 ºC sowuk temperaturada 3-5 gün saklanylýar.

129. Kömelekleriň we kömelek önümleriniň kabul edilmegi, saklanylmagy we olaryň ýerlenilmegi hereket edýän sanitariýa kadalaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

130. Iýersiniozyň we galp inçekeseliň öňüni almak maksady bilen gök önümler saklanylýan mahaly olar mahal-mahal barlanyp durulýar hem-de gaýtadan işlenilip geçilýär we arassalanylýar.

**Azyk önümlerini ýerlemeklige bildirilýän talaplar**

131. Satuwa diňe gowy hilli azyk önümleri çykarylmalydyr. Söwda desgalarynda ýerlenilýän azyk önümleri kadalaşdyryjy we tehniki resminamalar arkaly bellenilen

talaplara, şeýle hem azyk babatda gymmatyna hem-de azyk önümleriniň we azyk harytlarynyň howpsuzlygyna bildirilýän gigiýeniki talaplaryna laýyk gelmelidir.

Satyjylar (harytçynaslar) ýerlenilýän azyk önümleriniň hiline gözegçilik etmäge borçludyrlar. Eger-de iýmit önümleriniň hiliniň üýtgemegi ýüze çykarylan ýagdaýynda onuň satylmagy durzulýar we bu barada haýal etmän edara (eýesine) habar bermelidir.

Alyjylara pes hilli azyk önümleriniň ýerlenilmegi üçin satyjy, telekeçi, harytşynas we edaranyň ýolbaşçysy jogapkärçilik çekýär.

Satyjy alyjylara iýmit önümleri barada, olary dogry saýlap almaklygy üpjün edýän, gerek bolan anyk maglumatlary bermäge borçludyr.

132. Azyk önümlerini satmaga taýýarlamagy satyjy ýa-da munuň üçin jogapkär adam geçirmelidir. Şu maksatlar üçin tam süprüjileri, işçileri, tötänleýin adamlary peýdalanmaga ýol berilmeýär. Azyk önümleri şu maksatlar üçin niýetlenilen ýörite jaýlarda taýýarlanylýar, şol ýerde önümleriň hapalanan daşy kesilip, zaýalanan ýerleri, ýaglaryň saralyp ýokarky gatlagy deslapdan arassalanylýar, peýnir we şöhlat önümleri süpürilýär, azyk önümleri gaýtadan gaplanylýar, olar gabyndan boşadylýar, çüýşeler, bankalar süpürilýär, arassalamak we beýleki işler geçirilýär.

133. Çig mal we ulanylmaga taýýar azyk önümleri aýratynlykda taýýarlanylýar, çekilip görülýär we gaplanylýar.

134. Çig önümler (et, guş eti, balyk, deňizden alnan önümler, ýumurtga, gök önümler we başgalar) hem-de şolardan alynýan ýarym taýýar önümler sarp etmäge taýýar önümleri ýerlemekden aýratynlykda ýörite bölümlerde satylmalydyr.

135. Satyjy alyjylara gaplanylmadyk azyk önümlerini goýberýän mahaly degişli öwseleleri (gysawaçlary, pilçeleri, susaklary, çemçeleri we başgalary) peýdalanýar. Önümleriň her bir görnüşi uçin aýyl-saýyl belgilenen, olary böleklere bölýän tagtalar we pyçaklar bellenýär, olar bolsa degişli jaýlarda, bölümlerde ýörite bellenilen ýerlerinde saklanylýar.

136. Gaplanylmadyk azyk önümleriniň daşyna dolanýan kagyz we beýleki gaplaýjy serişdeler ulanmazdan gös-göni terezide çekip berilmeklige ýol berilmeýär.

137. Öýe söwda hyzmatyny etmek guralan mahaly buýruja azyk önümlerini eltmek olaryň abat saklanylmagyny, hilini, howpsuzlygyny üpjün edýän hem-de hapalanmagyny we zaýalanmagyny aradan aýyrýan şertlerde amala aşyrylmalydyr.

138. Tötänleýin ýere gaçan (sanitar babatda ýaramaz) azyk önümlerini alyjylara goýbermek düýbünden gadagandyr. Sanitar babatda ýaramaz önümleriň soňraky ulanylmagy, olaryň başga maksatlar üçin peýdalanmagy degişli resminamalar arkaly tassyk edilýär we ol Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda geçirilýär.

139. Kömekçi işçiler we alyjylar tarapyndan çöregiň kesilmegine ýol berilmeýär.

Öz-özüňe hyzmat edilýän dükanlarda çöregiň we çörek-bulka önümlerini seçip almak hem-de olaryň täzedigini kesgitlemek üçin söwda enjamynyň 1 pogon metri üçin azyndan 2 sany ýörite dürtgüçler, gysawaçlar bolmalydyr.

Çörek we çörek-bulka önümleri gaplamak üçin söwda edaralarynda polietilen gaplary (örtükleri) satmaklyk maslahat berilýär.

Aşakdakylara ýol berilmeli däldir:

- çörege we çörek-bulka önümleriniň özüne ýarlyklar (etiketkalar) ýa-da haryt nyşanlary ýelmenen bolanda satmaklyga;

- çörek we çörek-bulka önümleri üçin niýetlenmedik tekjelerde olary satmaklyga.

140. Bölek satuw söwdasy geçirilýän desgalarda önümleri ýerinde sarp etmek guralan mahaly gap-gaçlary saklamak we işläp geçmek üçin degişli şertler bar mahaly kafeteriýalardan başga ýerlerde tortlary kesmek we bölekleýin satmak gadagan edilýär.

141. Gaplanmadyk azyk önümleri gaplaýyş serişdelerinde (kagyzda, paketde) ýa-da sarp edijiniň arassa gabynda goýberilýär. Puly satyjynyň özi alýan ýeri bolan dükanlaryň önümler gaýtadan gaplanan gaby guýulan ýa-da gaplanan önümleriň satylmagyna ýol berilýär.

142. Agramy (möçberi) we sarp edilýän gaby şol bir wagtyň özünde ýerlemäge mümkimçilik bermeýän çalt zaýalanýan azyk önümleriniň (bugy-gazy çykýan örtükdäki, wakuumly gapdaky, agramy 1 kg köp bolan et önümleri, gapdaky 1-3 kg çenli salatlar we taýýar sowadylan köp goşundyly tagamlar) bölümlerde gaýtadan çekilip ýerlemegine ýol berilýär.

Önümleri açylan sarp ediş gaplarynda ýerlemek, saklamak şertleri (temperaturasy, çyglylygy) berjaý edilen mahaly 1 iş gününiň dowamynda, ýöne 12 sagatdan köp bolmadyk wagtda geçirilýär.

143. Et ýöriteleşdirilen dükanlarda ýa-da et satylýan dükanlaryň aýratyn bölümlerinde satylýar.

Etiň her bir görnüşleri üçin aýratyn bölek ýer bölünip berilýär.

144. Tüňňürden süýt ýerlenilýän bölümlerde, süýdüň gaýnadylmagy barada duýduryjy ýazgylar bolmaly.

Pasterizirlenmedik süýtden taýýarlanan dorogy, ýokary turşulykly süýt we gaýmaklary kabul etmek we satmak gadagan edilýär.

Suwuk azyk önümleri (süýt, gaýmak, ösümlik ýagy we başgalar) goýberilen mahalynda önümleri alyjynyň gabynda umumy gaba gaýtadan guýmaklyk rugsat berilmeýär.

Içi süýtli, dorogly ýa-da gaýmakly gapda söwda öwseleri (çemçeleri, pilçeleri we susaklary) galdyrmaly däl, olary ýörite gabyň içinde saklamaly we her gün ýuwup durmaly. Ähli öwseleleri niýetlenilişi boýunça peýdalanmaly.

145. Söwda guramasynyň gaplanmadyk, ulanmaga taýýar önümler ýerlenilýän bölümlerinde ýumurtganyň satylmagyna rugsat berilmeýär. Ýumurtgalaryň ýerlenilmegi 0 ºC-dan 20 ºC-a çenli maýyllykdaky temperaturada amala aşyrylýar.

146. Söwda desgalarynda janly balyk suwy kislorod bilen baýlaşdyrmak üçin ulanylýan enjam bilen enjamlaşdyrylan akwariumlardan ýa-da termoörtükli awtosisternalardan ýerlenilýär. Söwda edilýän ýerde Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralarynyň netijenamasyna laýyklykda suw akdyrylýan ýer bolmalydyr.

147. Gök-miwe önümler şu maksatlar üçin ýörite niýetlenilen ýöriteleşdirilen dükanlarda, bölümlerinde we bölümçelerinde, supermarketleriň bu maksatlar üçin

ýörite niýetlenen bölümlerinde we seksiýalarynda, şeýle hem ownuk söwda nokatlatyň pawilýonlarynda satylýar.

Kartoşka, bakja we ter miwe-gök önümler köpçülikleýin gelip gowuşýan döwründe, gök önümleri hem-de miweleri lotoklardan, teležkalardan we başga ýerlerden satmaga, şeýle hem bakja ekin önümlerini, ýeralmany açyk gök önüm bazarlarynda üýşürip satmaga ýol berilýär.

Kartoşkanyň we ter miwe-gök önümleriniň, şol sanda bakja önümleriniň ýerde üýşürilip satylmagy gadagandyr. Bakja ekin önümlerini böleklere bölüp ýa-da kesip satmaklyk gadagandyr. Çüýrän, zaýalanan gök önümleri we miweleri ýerlemek gadagandyr.

Jebis gaba gaplanylmadyk gaýtadan işlenilen miwe-gök önümlerini (turşadylan, duzlanan, marinirlenen we başgalar) ýörite öwseleleri (çemçe, dürtgüç, gysawaç) peýdalanmak bilen çig gök önümleri we miweleri ýerlemekden aýratynlykda goýbermeli.

Ýöriteleşdirilen söwda desgalarynda köki miweli önümleri ýuwmak we gurandan soň gözeneklere hem-de paketlere gaplamak ündelýär.

148. Söwda desgalarynda önümleri wakuum astynda gaplamak gadagan edilýär.

149. Düýpli gurnalan söwda desgasynda dürli içgiler we suw guýulan çüýşeler, şireler guýulan çüýşe gaplar açylmazyndan öň daşyny çygly mata bilen süpürmeli. Çüýşe gaplar sarp edijä goýberilmezinden öňürti stoluň üstünde açylýar. Şire guýulan gaplaryň zaýalanandygyny-zaýalanmandygyny bilmek üçin we içinde gaýry zatlaryň bardygyny-ýokdugyny deslapdan eserdeňlik bilen gözden geçirýärler.

150. Şireli içgiler satylýan ýerlerde bulgurlaryň içini we daşyny ýörite abzalda ýuwmalydyr. Iş gününiň ahyrynda bulgurlary ýuwujy serişdeleri goşmak bilen 65 gradus gyzgynlykdaky akyp duran gyzgyn suwa çaýkamaly.

Bulgurlary ýuwmak üçin şert bolmadyk ýagdaýynda bir gezek ulanylýan bulgurlary ulanmak rugsat berilýär, ýöne olary gaýtadan ulanmak düýbünden gadagan edilýär.

Içgileri guýup satýan gaplar düňderlen görnüşinde saklanmaly. Bulgurlar içgi guýulmazyndan öň ýuwulmaly. Içgileri göýbermek üçin bulgurlary bedrelerde, legenlerde ýuwmak gadagandyr.

151. Söwda desgalarynda şu önümleri ýerlemek gadagan edilýär:

- Türkmenistanda öndürilen önümler üçin nusgalary tassyklanan laýyklyk güwänamalary we ýa-da hil babatdaky şahadatnamasy, ýanyna goşulýan, önümleriň gelip çykyşyny tassyklaýan resminamalary bolmadyk önümleri;

- gaplanylyşynyň abatlygy bozulan we hapa gaplardaky, etiketkalary ýa-da listleri-içlikleri bolmadyk önümleri;

- saklamagyň temperatura we çyglylyk şertlerini berjaý etmek üçin zerur şertler bolmadyk mahaly;

- weterinariýa tagmasy bolmadyk eti, şertli ýagdaýda ýaramly diýlip hasaplanylýan eti we et önümlerini;

soýulmadyk guşlary, salmonellýoz babatda ýagdaýy abadan bolmadyk hojalyklardan getirilen, şeýle hem daşy hapa, kemli (renki bulaşyk, dury bolmadyk, gan ýokundyly halkasy bolan, uly tegmilli, miražly) kertilen, döwük ýumurtgalary, ördegiň we gazyň ýumurtgalaryny;

- pasterizirlenilmedik süýtden we gaýmakdan edilen, turşulygy ýokary bolan (öz özünden turşan) dorogy;
- dürli görnüşli ýetmezleri bolan: bombažly, çişen, akyp duran, ýemşeren, parran jaýryk atan, özgeren, mikrobiologiki babatda zaýalanmak alamatlary bolan (heňlän, turşan, suwuklanan) we beýleki ýetmezleri bolan konserwirlenen önümleri;
- zaýalanandygynyň görnetin alamatlary bolan iýmit önümleri;
- çüýrän, zaýalanan, gabygyna zeper ýeten gök önümleri we miweleri;
- defrostirlenen we gaýtadan doňdurylan iýmit önümlerini we azyklyk çig mallaryny;
- öýde taýýarlanylan önümleri;
- ýaramlylyk möhleti geçen önümleri;
- önümleriň bellenilen tertipde tassyklanan sanawynda kesgitlenilen iýmit toparlaryndan başga gaplanylmadyk we gaba guýulmadyk önümler;
- etiketkasynda (içlik listinde) önümleriň belgilenmegine bildirilýän talaplara laýyklykda maglumatlar bolmadyk önümleri;
- alyjynyň hapa gabynda we çaphana kagyzlarda önümleri.

Eger-de, gaýtadan çekilip ýerlenilýän çalt zaýalanýan we aýratyn çalt zaýalanýan önümler satyjy tarapyndan satylmazdan öň gaplanylýan we gaba guýulýan bolsa, onda ýaramlylyk möhleti gysga bolan gaplanylýan önümleriň möçberi, olaryň bir söwda gününde ýerleniljek möçberinden köp bolmaly däldir.

Gaplanylan önümlerde onuň ady, agramy, 1 kg önümiň bahasy, gaplanylan senesi, ýaramlylyk möhleti görkezilýär.

Gaýtadan çekilip ýerlenilýän çalt zaýalanmaýan önümler, daşalyş gabyndan çykarylyp söwda jaýlarynyň witrinalarynda ýerleşdirilende, olarda daşalyş gabyndaky alyjylar üçin maglumaty bolmalydyr we önüm ýerlenilip gutarýança saklanylmalydyr.

152. Kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk gelmeýän, ilatyň saglygy üçin howp döredýän azyklyk çig maly we azyk önümleri ýerlemekden aýrylýar. Olary mundan beýläk-de peýdalanmak ýa-da ýok etmek mümkünçiligi hakyndaky çözgüt Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde kabul edilýär.

153. Azyk önümleri satylýan söwda desgalarynda ýuwujy, agardyjy serişdeleri, kir ýuwulýan tozlary, pastalary sarp ediş gaplarynda satmaklyga diňe dukanlaryň, uniwersamlaryň aýrybaşgalanan bölümlerinde, olaryň söwda zalynda we ammar jaýlarynda hem-de azyk önümlerine galtaşmagyny aradan aýyrýan şertlerde Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary bilen ylalaşmak boýunça ýol berilýär.

## Ownuk-bölek satuw ulgamynyň desgalaryna bildirilýän talaplar

154. Ownuk-bölek satuw söwda ulgamynyň desgalary, düýpli gurnalan (palatkalar, kiosklar, pawilýonlar) we göçme (teležkalar, lotoklar, awtolawkalar, awtotirkegler, piwäni, kwasy, süýdi ýerlemek üçin ulanylýan izotermiki gaplar, içgileri ýerlemek üçin awtomatlar we beýlekiler) bolup bilerler. Ownuk-bölek satuw söwda desgalary hökmünde metal konteýnerleriň we konteýner görnüşindäki otaglaryň, şeýle hem ýaşaýyş jaýlarynyň ýaşamak üçin niýetlenen otaglaryny ulanmak gadagandyr.

Ownuk-bölek satuw söwda desgalary sanitariýa kadalarynyň we ölçegleriniň talaplarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmelidir.

Ownuk-bölek söwda ulgamynyň desgasyny ýerleşdirmek üçin ýer Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary bilen ylalaşylmalydyr.

155. Ownuk-bölek söwda nokatlarynyň işe girizilmegi Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralarynyň rugsatnamasy bar mahaly amala aşyrylýar.

Ownuk-bölek satuw söwda kärhanalary lagym ulgamy bolan hajathanalardan we zir-zibil dökülýän gaplardan azyndan 25 metr daş aralykda, lagym ulgamy bolmadyk hajathanalardan 50 metrden ýakyn bolmadyk aralykda ýerleşmelidir.

156. Ownuk-bölek satuw ulgamynyň desgalarynda sowadyjy enjamlar bolmadyk mahaly çalt zaýalanýan iýmit önümlerini ýerlemek gadagan edilýär.

157. Bölek satuw ulgamynda iýmit önümleriniň çäklendirilen görnüşleri ýerlenilýär. Önümleriň çäklendirilen görnüşleri ýerli şertleri hasaba almak bilen Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary bilen ylalaşylan bolmalydyr.

158. Bölek satuw ulgamynyň düýpli desgalarynda gaplary saklamak üçin kömekçi otaglar we iýmit önümleriniň bir günlük gory üçin ammar otaglary bolmalydyr.

Dolanyşykdaky gaplar iş tamamlanandan soň bölek satuw ulgamyndan her gün binýatlyk kärhana alnyp gidilýär.

Bölek satuw söwda desgasynyň töwereginde boşan gaplary we gaplanan önümleri saklamaga ýol berilmeýär.

159. Bölek satuw ulgamynyň her bir düýpli kärhanasynda el ýuwulýan, çotga, sabyn, süpürgiç bolmalydyr. Zir-zibilleri we galyndylary toplamak üçin gapagy aýak bilen basylanda açylýan bedre ýa-da agzy gapakly baçok bolmalydyr. Satyjynyň şahsy zatlaryny saklamak üçin şkaf goýulmalydyr.

160. Ýylyň sowuk döwründe bölek satuw ulgamynyň düýpli desgalarynda satyjynyň iş ornunda temperatura 18 °C -dan pes, tomus döwründe bolsa 26 °C-dan ýokary bolmaly däldir. Bölek satuw ulgamynyň düýpli desgalarynda içki howa ýagdaýynyň görkezijileri önümçilik jaýlarynyň içki howa ýagdaýyna bildirilýän talaplara laýyk gelmelidir.

161. Kiosklarda senagat taýdan sarp ediş gaplara gaplanan azyk önümleriniň ýerlenilmegine rugsat berilýär.

Palatkalarda, awtolawkalarda, awtotirkeglerde Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň ýerli edaralary bilen ylalaşylyp, azyk

önümleriniň garyşyk görnüşlerini saklamak we ýerlemek üçin şertler bolan mahaly olaryň ýerlenmegine ýol berilýär.

Çörek, bişirilen süýji-köke we çörek-bulka önümleri gaplanan görnüşde satylýar.

162. Gyzgyn taýýar önümler (gutaplar, somsalar, kotletler we ş.m.) izotermiki ýa-da gyzdyrylan gaplardan, teležkalardan goýberilmelidir.

Sowadylan önümler (içgiler, doňdurmalar, doňdurylan önümler, miweler we beýlekiler) izotermiki ýa-da sowadylýan gaplardan, teležkalardan goýberilmelidir.

Çykarylyp satmaklyga azyk önümleriniň çäklendirilen görnüşlerine ýol berilýär: çörek-bulka önümleri (hamyrdan taýýarlanan önümler, bublikler we başgalar), çişirilen mekgejöwen (pop-korn), senagat taýdan gaplanan süýji-köke önümleri (kemputlar, şokoladlar, köke we beýlekiler, kremli önümlerinden başgalar), miweler, senagat taýdan gaplanan alkogolsyz içgiler, doňdurmalar we başgalar.

Önümler sebetlerden, lotoklardan we başga zatlardan satylan mahaly olary ýerde goýmaklyk rugsat berilmeýär, şu maksatlar üçin ýörite ýasalan sekiler bolmalydyr.

163. Bölek satuw ulgamynyň göçme serişdeleri iş güni tamamlanyndan soň binýatlyk kärhana getirilýär we arassaçylyk taýdan işlenilip geçilýär, ýerlenilmedik önümler kärhana saklamak üçin tabşyrylýar.

164. Satyjylaryň öýünde göçme we elde göterilýän söwda enjamlaryny we ýerlenilýän azyk önümlerini saklamaga ýol berilmeýär.

165. Içgileri guýup berip ýerlemek üçin niýetlenilen awtomatlarda hapanyň aralaşmagyndan gorag enjamy bolan, bulgurlary ýuwmaga uýgunlaşdyrylan ýa-da bir gezek ulanylýan bulgurjyklary bermek üçin niýetlenilen awtomatiki enjam bilen üpjün edilen ýuwýan enjam bolmalydyr. Bulgurlary ýuwýan enjam bulgurlary basyşly suw bilen bir wagtyň özünde hem içini, hem daşyny ýuwmagy üpjün etmelidir.

166. Gazlandyrylan suwlary, alkogolsyz içgileri ýerlemäge agyz suwunyň çeşmesi we peýdalanylan suwy akdyrmak üçin lagym ulgamy bolan ýerlerde ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň rugsat bermegi bilen hem-de Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary bilen ylalaşyp ýol berilýär.

167. Bölek satuw ulgamynyň satyjysy (eýesi):

a) palatkany, kiosky, awtotirkegini, teležkany, lotoklary, şeýle hem daş-töweregi arassa saklamaga;

b) azyk önümlerini olaryň gelip çykyşyny, hilini we howpsuzlygyny tassyklaýan resminamalar bilen kabul etmäge hem-de ýerlemäge hem-de olaryň hiliniň ýaramazlygyna şübhe dörände ýerlemegi togtatmaga we binýatlyk kärhana, dükana degişli delilnama düzüp yzyna tabşyrmaga;

ç) azyk önümleriniň haryt goňşuçylygynyň berjaý edilişine, ýaramlylyk möhletiniň we goýbermegiň kadalarynyň berjaý edilişine gözegçilik etmäge (önümler goýberilen mahaly gysgyçlardan, susaklardan, pilçelerden we ş.m. peýdalanmaga);

d) önümleri hapalanmakdan goramaga;

e) azyk önümleriniň saklanyş we ýerleniş şertlerini berjaý etmäge borçludyr.

168. Satyjy (eýesi) sanitariýa kadalarynyň we talaplarynyň, şahsy gigiýenanyň talaplaryny berk berjaý etmäge borçludyr, tämiz geýinmelidir, arassa egin-eşik (şol

sanda ýörite başgaby) geýmelidir, döşünde firma nyşanyny (tarketkany) dakynmalydyr, şonda bolsa firmanyň, kärhananyň ady, satyjyň familiýasy, ady, atasynyň ady görkezilýär.

Satyjynyň (eýäniň) ýanynda Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň bellenilen tertipde tassyklan görnüşdäki şahsy saglyk depderçesi, arassaçylyk depderi, ýerlenilýän önümleriň gelip çykyşyny, hilini we howpsuzlygyny tassyklaýan resminamalary bolmalydyr we olary döwlet gözegçilik we barlag edaralarynyň talaby boýunça görkezmelidir.

169. Bölek satuw ulgamynyň kärhanalarynda:

- iýmit önümlerini, harytlary salmak üçin ýasalan gapsyz poluň üstünde saklamak;
- aýratyn çalt zaýalanýan önümleri sowadyjy enjamsyz ýerlemek;
- söwda işi bilen baglanyşykly bolmadyk keseki zatlary saklamak;
- keseki adamlary şol ýerlere goýbermek;
- satyjynyň we beýleki adamlaryň şol ýerlerde gije ýatmagyna ýol bermek;
- iýmit önümlerini günüň şöhleleriniň göni düşýän ýerinde saklamak düýbünden gadagan edilýär.

## Otaglaryň we enjamlaryň saklanyşyna bildirilýän talaplar

170. Söwda desgasynyň ähli jaýlary, enjamlar, öwseleler, gap-gaçlar arassa saklanylmalydyr. Iş tamamlanandan soň çyglandyrylyp syrylyp-süpürilýär, ýuwujy serişdeleri ulanmak bilen ýuwulýar.

Söwda we mehaniki enjamlar (tereziler, tekjeler, witrinalar, gaplaýjy enjamlar we başgalar) iş tamamlanandan soň aşgar ergini bilen işlenilmelidir we gyzgyn suw bilen ýuwulmalydyr.

Söwda desgalary syrylyp-süpürlende häzirki zaman enjamlaryny ulanmak maslahat berilýär.

171. Hepdede bir gezek ýuwujy we zyýansyzlandyryjy serişdeleri ulanmak bilen düýpli syryp-süpürmek işini geçirmek gerekdir. Aýry-aýry ýuwujy we zyýansyzlandyryjy serişdeleriň häsiýetnamasy 1, 2-nji goşundylarda getirilýär.

172. Söwda desgalary her aýda düýpli syryp-süpürmek işini geçirmek we soňra jaýlary, enjamlary, öwseleleri, gap-gaçlary we başgalary zyýansyzlandyrmak üçin arassaçylyk güni hökmünde ýapylýar. Arassaçylyk güni ýokary söwda edaralary tarapyndan tassyklanan we Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary bilen ylalaşylan tertibe laýyklykda geçirilýär, bu babatda alyjylar öňünden duýdurylmalydyr.

173. Yşyklandyryjy gurallar hapalanyşyna görä, ýöne aýda azyndan bir gezek süpürilmelidir. Içerki penjire we çyra aýnalary, ramalar hepdede azyndan bir gezek, daş tarapyndan bolsa ýylda azyndan iki gezek, ýylyň maýyl wagtlary bolsa hapalanyşyna görä ýuwulýar hem-de süpürilýär.

174. Galyndylary we hapalary toplamak üçin jaýlarda gapakly agzy basylyp açylýan metal ýa-da plastmassa gaplar oturdylýar. Olar doluşyna görä, ýöne üçden iki

böleginden köp bolmadyk möçberde boşadylyp arassalanylmalydyr, iş gutarandan soň bolsa şu maksatlar üçin bellenilen tertipde rugsat berlen ýuwujy we zyýansyzlandyryjy serişdeler bilen ýuwulýar, soňra bolsa gyzgyn suwa çaýkalýar.

175. Söwda öwselesini el bilen ýuwmagyň düzgüni şu tapgyrlardan ybaratdyr:

a) azyk önümleriň galyndylaryny mehaniki usulda aýyrmak;

b) suwuň temperaturasy 45-50 ºC bolmagynda ýuwujy serişdeleri goşmak bilen öwseleleri çotga arkaly ýuwmak;

ç) 65 ºC-dan pes bolmadyk akyp duran gyzgyn suwda öwseläni çaýkamak;

d) ýörite tekjelerde we gözeneklerde çalykdyrmak.

Öwseleler ýuwulýan wannalar ýuwujy we zyýansyzlandyryjy serişdeleri ulanmak bilen akyp duran gyzgyn suwda birsyhly ýuwulyp durulýar.

Öwseleleri, gap-gaçlary, gaplary ýuwmak üçin ulanylýan çotgalar we sürtgüçler her gün ýuwujy serişdeleri ulanmak bilen eserdeň ýuwulýar, çalykdyrylýar we ýörite bellenilen ýerde saklanylýar.

Konteýnerler, öwsele gaplary (teležkalar, sebetler we başgalar), şeýle hem çeküw gaplary we terezileriň üstleri, çeküw daşlary her gün ýuwujy serişdeleri ulanmak arkaly ýuwulýar we çalykdyrylýar.

176. Azyk önümlerini satýan awtomatlary ýuwmagyň düzgüni olary ulanmak we arassaçylyk taýdan işläp geçmek boýunça gözükdirmelere laýyklykda amala aşyrylýar.

177. Süýt guýulýan tüňňürleri we rezin prokladkalary ýuwmagyň düzgüni:

a) süýt guýulan tüňňürleri 30-40 ºC temperaturadaky ýyly suw bilen çaýkamak;

b) tüňňürleri 60-65 ºC temperaturadaky gyzgyn ýuwujy ergin bilen ýuwmak;

ç) tüňňürleri ýuwujy ergininiň galyndylary doly aýrylýança suwa çaýkamak;

d) tüňňir işlenilip geçilenden soň çalykdyrylýar, tekjelerde gapagy açyk ýagdaýda düňderilip goýulýar.

Süýt guýulýan tüňňürleriň rezin prokladkalary hem şu düzgünde aýratynlykda ýuwulýar.

178. Hajathanalar zerurlyga görä söwda desgasynyň işi tamamlanandan soň ýuwulýar we zyýansyzlandyrylýar. Hajathanalary syryp-süpürmek üçin belgilenen ýörite öwseleler bellenilýär. Hajathanalar üçin syrylyp-süpürilýän öwsele we ýörite egin-eşik beýleki jaýlary syryp-süpürmek üçin ulanylýan öwselelerden üzňelikde aýratyn bellenilen ýerde saklanylýar. Hajathanalar her gezek syrylyp-süpürilen mahaly suw geçiriji kranlaryň açylan ýerleri, şeýle hem gapysynyň tutawaçlary we agyzýapysy açylýan tutawaçlar we adam hajathana baran mahaly eli galtyşýan beýleki üst taraplary zyýansyzlandyryjy ergine batyrylan aýratyn bellenilen mata bilen süpürilýär.

179. Söwda desgalarynda Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary tarapyndan bellenilen tertipde rugsat berlen ýuwujy we zyýansyzlandyryjy serişdeler ulanylýar, şolar bolsa goşulýan gözükdirmelere berk laýyklykda peýdalanylýar hem-de ýörite bellenilen ýerde şolary öndürijiniň gabynda saklanylýar.

Ýuwujy we zyýansyzlandyryjy serişdeler gury, göwnejaý şemalladylýan, tekjeler bilen enjamlaşdyrylan jaýlarda saklanylýar. Azyk önümlerini ýuwujy we zyýansyzlandyryjy serişdeler bilen bile saklamak gadagan ediýär.

180. Söwda desgalaryny gündelik abatlamak işleri (jaýlary, enjamlary agartmak, reňklemek we beýleki işler) zerurlyga görä, ýöne her ýylda azyndan bir gezek geçirilýär.

## Azyk önümlerini daşamaga bildirilýän talaplar

181. Azyk önümlerini daşamak üçin ýörite niýetlenilen ýa-da ýörite enjamlaşdyrylan ulag serişdeleri peýdalanylýar. Azyk önümlerini azyk däl harytlar bilen bilelikde, şeýle hem öň awuly himikatlar, benzin, kerosin we beýleki güýçli ysly ýa-da awuly serişdeler daşalan ulagda daşamak gadagan edilýär.

Azyk önümleriniň belli bir görnüşlerini (süýt, şöhlat önümlerini, kremli süýji-köke önümlerini, çöregi, eti, balygy, ýarym taýýar önümleri) daşamak üçin daşalýan önümlere laýyk gelýändigi belgilenmek bilen, ýöriteleşdirilen ulag berilmelidir.

182. Azyk önümlerini daşamak üçin peýdalanylýan ulag serişdeleri arassa we gurat ýagdaýda bolmalydyr. Ulag serişdesiniň ganawynyň içi arassalyk babatda aňsatlyk bilen ýuwulýan we zyýansyzlandyrylýan örtük bilen örtülmelidir.

183. Sürüji-ekspeditoryň (ekspeditoryň), sürüji-ýükçiniň ýanynda bellenilen nusgadaky şahsy saglyk kitapçasy we awtoulagyň sanitar pasporty bolmalydyr, ol ýörite egin-eşikde işlemelidir, şahsy gigiýena kadalaryny berk berjaý etmelidir, azyk önümlerini abat saklamagy, olaryň hilini, howpsuzlygyny, olary daşamagyň (ýüklemegiň-düşürmegiň) kadalaryny üpjün etmelidir.

184. Daşamagyň şertleri (temperaturasy, çyglylygy) azyk önümleriniň her bir görnüşi üçin kadalaşdyryjy we tehniki resmi namalaryň talaplaryna, şeýle hem çalt zaýalanýan ýükleri ulaglaryň dürli görnüşleri bilen daşamagyň kadalaryna laýyk gelmelidir.

185. Çalt zaýalanýan azyk önümleri ýöriteleşdirilen sowadylýan ya-da izotermiki ulagda, azyk senagaty üçin ulanmaga rugsat berlen serişdelerden ýasalan ýörite gapda (metal ýa-da plastmassa) daşalýar.

Daşalýan önümleriň ýanynda azyk önüminiň taýýarlanylan wagtyny (sagadyny-çalt zaýalanýan önümler üçin), gününi, aýyny, ýylyny, saklanyş şertlerini we ýaramlylyk möhleti we olary ýerlemegiň ýol berilýän aňryçäk möhletini görkezmek bilen, hil babatdaky şahadatnamalary we ýanhatlary bolmalydyr.

186. Azyk önümleri arassa arassaçylyk egin-eşiginde işgärler tarapyndan düşürilýär we ýüklenilýär.

187. Çörek we çörek-bulka önümleri lotoklarda, tekjeler bilen enjamlaşdyrylan ýörite ýapyk awtoulaglarda daşalmalydyr. Çöregi üýşmek ýagdaýda daşamaga ýol berilmeýär.

188. Kremli konditer önümleri gapakly konteýnerlere ýa-da lotoklarda ýerleşdirilen ýagdaýda 6 ºC-dan ýokary bolmadyk temperaturada sowadylýan ulagda

daşalmalydyr. Tortlar olary taýýarlaýjynyň standart gabynda getirilmelidir. Kremli konditer önümlerini, şeýle hem tortlary açyk lotoklarda daşamak gadagandyr.

189. Eredilen we sowadylan et 6 ºC maýyllykdan ýokary bolmadyk temperaturada, doňdurylan et 0 ºC-dan ýokary bolmadyk temperaturada awtorefrižeratorda daşalmalydyr.

190. Janly balyk suwy sowatmak üçin enjamy bolan, şeýle hem suwy kislorod bilen baýlaşdyryjy enjamly, termoörtükli awtoulaglarda-sisternalarda daşalýar. Sisternadaky suwuň temperaturasy 10 ºC-dan ýokary bolmaly däldir.

191. Azyk önümleri daşalan mahaly olary yzygiderli ýerleşdirmegiň kadalary berk berjaý edilmelidir.

Çig önümleri we ýarym taýýar önümleri taýýar azyk önümleri bilen bile daşamak gadagandyr.

192. Azyk önümlerini daşamak üçin ulanylýan ulag serişdeleri her gün ýuwujy serişdeler bilen ýuwulýar we her aýda Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary tarapyndan bellenilen tertipde rugsat berlen serişdeler bilen zyýansyzlandyrylýar.

193. Awtohojalyk, kärhana we gurama suw geçirijä we lagym ulgamyna berkidilen ýörite enjamlaşdyrylan ýuwulýan bloklarda ýa-da ýörite meýdançalarda azyk önümlerini daşamak üçin ulanylýan ulaglaryň ganawlaryny arassaçylyk taýdan işläp geçmelidir, olarda gyzgyn suw üpjünçiligi, ýuwujy hem-de zyýansyzlandyryjy serişdeler, ganawlary ýuwmak üçin syryp-süpürilýän öwsele, şolary ýuwýan işgärler üçin ýörite egin-eşik bolmalydyr.

Azyk önümleri daşalýan ulagyň ýuwulýan we işlenilýän ýeri:

- ulagy arassalamak, ýuwmak we zyýansyzlandyrmak üçin enjamlar we öwseleler bilen (ýuwujy maşynlar, maýyşgak şlangalar, gyzgyn we sowuk suw bilen, çotgalar, zyýansyzlandyrmak üçin enjamlar, awtoulaglar ýuwulandan we zyýansyzlandyrylandan soň çalykdyrmak we şemallatmak üçin enjamlar);
- ýuwujylar üçin ýörileşdirilen egin-eşikler (rezin ädikler, rezin ellikler, rezinlenen öňlükler, nah matadan egin-eşikler, gorag äýnekler, respiratorlar);
- syrylyp-süpürilýän we ýuwulýan öwseleleri (çotgalary, moçalkalary, bedreleri we başgalary), ýuwujy we zyýansyzlandyryjy serişdeleri, ýöriteleşdirilen egin-eşikler saklamak üçin şkaflar;
- egin-eşikleri we syrylyp-süpürilýän öwseleleri guratmak üçin otag bilen üpjün edilen bolmalydyr.

194. Azyk önümleri daşalýan ulagy arassaçylyk taýdan işläp geçmegiň düzgüni:

- çotganyň, sübsäniň we tozan sorujynyň kömegi bilen ganaw hem-de kabina syrylyp-süprülýär;
- awtoulagyň ganawynyň daşy 35-40 ºC temperaturadaky aşgarly suw bilen ýuwulýar we soňra şlanga arkaly suwa çaýkalýar;
- awtoulagyň içi çotga, ýuwujy ergin bilen erginiň temperaturasy 55-60 ºC bolanda ýuwulýar. Awtoulagyň ganawynyň içi ýuwujy ergin bilen ýuwulandan soň onuň

galyndylary doly aýrylýança çaýkamaly, soňra guradylýar we şemalladylýar, şonda başga ys bolmaly däldir.

- ganawyň içi düzüminde işjeň hloryň 250 mg\litr bolan zyýansyzlandyryjy ergin bilen zyýansyzlandyrylýar, ergin sepilenden soň durmaly wagty 10 minutdyr; zyýansyzlandyrmak tamamlanandan soň ganawyň içi şlanga arkaly suw bilen ýuwulýar, hloruň ysy doly aýrylýança guradylýar we şemalladylýar, awtoulagy ýuwmak üçin ulanylan şlanga asylyp goýulan ýagdaýynda saklanylmalydyr;

- ulagy zyýansyzlandyrmak zerurlyga görä, ýöne azyndan 10 günden 1 gezek geçirilýär.

195. Döwlet arassaçylyk arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary her bir azyk daşaýan awtoulaga 6 aýdan köp bolmadyk möhlete çenli sanitar pasportyny bermelidirler.

Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň işgärleriniň sanitariýa talaplaryna laýyk gelmeýän awtoulaglarda azyk önümlerini daşamaklygy gadagan etmäge hukuklary bardyr.

## Mör-möjeklere, gemrijilere garşy göreş alyp barmak boýunça çäreler

196. Söwda desgalarynda mör-möjekleriň (zyýanly saçakçylaryň, siňekleriň, sarygarynjalaryň, çybyn-çirkeýleriň, alaka sakyrtgalarynyň, zyýanly ys goýberýän tomazaklaryň, kebelekleriň, hudaýatylaryň, sakyrtgalaryň we başgalaryň) hem-de gemrjileriň (çal we gara alakalaryň, öý syçanlarynyň, meýdan syçanlarynyň we başgalaryň) bolmagyna ýol berilmeýär.

Mör-möjeklere we gemrijilere garşy göreş alyp barmak üçin Türkmenistanyň çäklerinde bellenilen tertipde ulanmak üçin rugsat berlen häzirkizaman we netijeli serişdeler ulanylýar.

197. Mör-möjekleri we gemrijileri ýok etmek we olaryň garşysyna göreş alyp barmak boýunça çäreler bellenilen tertipde birsyhly we yzygiderli geçirilýär. Kärhanalarda bu çäreleri netijeli geçirmek üçin ähli zerur şertler döredilmelidir.

198. Mör-möjekleri we gemrijileri ýok etmek we olara garşy göreş alyp barmak boýunça işleri geçirmegiň usulyýeti, ýygylygy we şertleri zyýansyzlandyrmak, ýok etmek we olara garşy göreş alyp barmak boýunça işleri geçirmäge bildirilýän gigýeniki talaplar bilen düzgünleşdirilýär.

199. Öňüni alyş, ýok ediş çäreleri diňe kärhananyň işi tamamlanandan soň ýa-da sanitar güni geçirilýär. Diňe diwarlar, potoloklar we penjireler işlenilip geçilmäge degişlidir. Zäherli maddalar bilen ýok ediş işleri ýerine ýetirilmezinden öňürti jaýlardan azyk önümleri, gap-gaçlar, öwseleler çykarylmalydyr ýa-da jebis ýapylan gapda goýulmalydyr.

Poly, enjamlary we öwseleleri işläp geçmek gadagandyr. Mör-möjekleri we gemrijileri ýok etmek boýunça işler geçirileninden soň işe başlanmazyndan öňürti jaýlary şemallatmak we eserdeňlik bilen syryp-süpürmek zerurdyr.

200. Azyk söwdasy kärhanalarynda siňeklere garşy göreş alyp barmak boýunça şu öňüni alyş çäreleri geçirilmelidir:

- jaýlary eserdeňlik bilen syryp-süpürmeli;
- azyk önümleriniň zyňyndylaryny gapagy jebis ýapylýan gaba ýygnamaly;
- azyk galyndylaryny we hapalary öz wagtynda alyp gitmeli, boşan gaplary arassalamaly, ýuwmaly we zyýansyzlandyrmaly;
- hapa dökülýän gaplaryň töweregindäki meýdançalary, ganawlary zyýansyzlandyryjy erginler bilen mahal-mahal we epidemiologiki görkezmeler boýunça işläp geçmeli;
- ýaz paslynyň gelip ýetmegi bilen açylýan penjirelere we gapylara hökmany suratda gözenekli mata tutmaly;
- siňekleri ýok etmek üçin ýörite serişdeleri we elektrik duzaklaryny ulanmaly;
- howludaky hajathanalary her hepdede zyýansyzlandyryjy erginler bilen işläp geçmeli.

Siňekleriň köpelmegi mümkün bolan ýerleri işläp geçmek boýunça ýörite çäreleri öňüni alyş zyýansyzlandyryş bölümleriniň hünärmenleri geçirmelidir.

201. Saçakçylaryň peýda bolmagynyň öňüni almak maksady bilen aralyk diwarlarda, şkaflarda we başga ýerlerde yşlary ýapmak hem-de stollarda, çeleklerde we tekjelerde azyk önümleriniň owuntyklarynyň, galyndylarynyň toplanmagyna ýol bermezlik zerurdyr.

202. Gemrjileriň aralaşmagyndan goranmak üçin poldaky yşlar, potolokdaky deşikler, tehniki ulgamlaryň töwerekleri kerpiç, sement ýa-da demir bölegi bilen ýapylýar.

Şemalladyjy deşikler we kanallar gözenegi 0,25x0,25 santimetrden uly bolmadyk metal gözenekler bilen ýapylmalydyr, lýuklar bolsa jebis ýapylan gapaklar we metal gözenekler bilen enjamlaşdyrylýar.

203. Kärhanalaryň durky täzelenen we olar abatlanan mahaly binalary hem-de jaýlary gemrijileriň aralaşmagyndan gurluş taýdan goramak boýunça gurluşyk-tehniki çäreleri doly derejede geçirmek zerurdyr.

204. Gemrijiler ýüze çykan halatynda olary ýok etmegiň mehaniki usullary (duzaklar, gapanlar) ulanylýar.

Gemrijileri we saçakçylary ýok etmek üçin himiki serişdeleri ulanmaga diňe bu çäreleri zyýansyzlandyryjy hünärmenler geçiren wagty ýol berilýär.

**Bellik:** Azyk söwdasy desgalarynda gemrijilere garşy göreş alyp barmagyň bakteriologiki usullaryny ulanmak gadagandyr.

205. Azyk söwdasy desgalarynda mör-möjekleri we gemrijileri ýok etmek hem-de olara garşy göreşmek üçin ulanylýan serişdeleri goýmak we saklamak düýbünden gadagan edilýär.

206. Desgada mör-möjekler ýa-da gemrijiler bar mahaly Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralarynyň, dolulygyna işläp geçmek geçirilýänçä desgany ulanmagy gadagan etmäge hukugy bardyr.

207. Kärhananyň edarasy, telekeçi kärhananyň çäklerinde hem, ähli jaýlarda mör-möjeklere we gemrijilere garşy göreş alyp barmak boýunça çäreleriň tutuş ýylyň dowamynda geçilmegi üçin jogapkärçilik çekýär.

### Lukmançylyk gözden geçirmeleri, öňüni alyş barlaglary we gigiýeniki okuwlar

208. Azyk önümleriniň dolanyşygy bilen baglanyşykly işe girýän işgärleriň hemmesi bellenen tertipde işe başlamazyndan öň deslapky we yzygiderli lukmançylyk gözden geçirişden geçirilmelidir.

Söwda desgalarynyň işgärleri her 2 ýylda 1 gezek Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralarynda gigiýeniki okuwyny geçmelidirler we bellenilen maksatnama boýunça zaçýot tabşyrmalydyrlar. Sanitar lukmanyň iş ýerinde sanitariýa kadalaryny ýerine ýetirmeýän we bilmeýän işgärleri bellenilen tertipde işlerinden çetleşdirmäge hukuklary bardyr.

Azyk önümleriniň dolanyşygy bilen baglanyşykly kärhanalaryň ýolbaşçylary we inžener-tehniki işgärleri ýylda bir gezek sanitariýa-gigiýeniki we epidemiýa garşy göreşmek meseleler boýunça hünär synagyndan geçmelidirler.

209. Her bir işgäre bellenilen nusgadaky şahsy saglyk depderçesi açylýar, şonda bolsa lukmanlar taýdan barlanyp geçmegiň we barlaghana derňewleriniň netijeleri, başdan geçiren ýokanç keselleri hakyndaky maglumatlar, gigiýeniki okuwynyň we hünär synagynyň geçilendigi hakyndaky bellikler girizilýär.

Işgärleriň şahsy saglyk depderçesi kärhananyň edarasynda (telekeçide) saklanmalydyr. Şahsy saglyk depderçesi ownuk bölek satuw ulgamynyň işgärleriniň eline berilýär we iş ýerinde saklanylýar.

210. Aşakdaky keseller bilen kesellän, bakteriologiki taýdan zäherlenen işgärler işe goýberilmeýär ýa-da wagtlaýyn işden çetleşdirilýär:

- garyn garahassalygy, paratif, salmonellýoz, içgeçme;
- gimenolepidoz, enterobioz;
- ýokuşýan döwründe merezel (sifilis) keseli;
- lepra keseli;
- ýokuşýan deri keselleri, gijilewük, trihofitiýa, mikrosporiýalar, kel keselleri, bedeniň açyk ýerindäki ýaraly aktimoniikozlar;
- öýken inçekeseliniň ýokuşýan we destruktiw görnüşleri, öýkenden başga ýerde ýerleşýän ýaraly bakteriouriýa keseli, ýüzüň we eliň inçekesel gyzarmasy (wolçankasy);

- iriňli keseller.

211. Sanitar lukmanynyň öz wagtynda lukmançylyk barlagyndan geçmedik işgärleri bellenilen tertipde wagtlaýynça işlerinden çetleşdirmegi edara görnüşli we şahsy taraplardan talap etmäge hukugy bardyr.

## Işgärleriň şahsy arassaçylygy

212. Azyk önümleriniň ähli söwda desgalarynda işgärleriň şahsy arassaçylyk kadalaryny berjaý etmegi (sabynyň, süpürgijiň, hajathana üçin kagyzyň we başgalaryň bolmagy) üçin zerur şertler döredilýär.

213. Azyk önümleriniň dolanyşygy bilen baglanyşykly guramalarynda arassaçylyk we öý egin-eşikleriniň bilelikde saklanylmagyna ýol berilmeýär.

214. Söwda desgalarynyň işgärleri şahsy arassaçylygyň şu kadalaryny berjaý etmäge borçludyrlar:

- şahsy goş-golamlaryny egin-eşikler asylýan jaýda goýmaga;
- endamyň, elleriň, saçyň arassalygyna birsyhly seretmäge, dyrnaklaryň wagtly-wagtynda almaga;
- işe başlamazyndan öňürti elini mazaly sabynlap ýuwmaga, nah matadan ak reňkli egin-eşikde işlemäge (halat, keltekçe, sopbaş);
- saçlaryny sopbaşyň ýa-da ýaglygyň içinde ýygnamaga;
- arassaçylyk agin-eşiginde işlemäge, ony hapalanyşyna görä çalşyryp durmaga;
- hajathana barylmazyndan öňürti arassaçylyk egin-eşigini ýörite bellenilen ýerde çykaryp goýmaga, hajathana barlandan soň elini sabyn bilen mazaly ýuwmaga;
- sowuklama keseliniň ýa-da içiň bozulmagynyň alamatlary, şeýle hem bedende iriňleme, kesilen we ýanan ýerler ýüze çykan mahaly kärhananyň edarasyna habar bermäge hem-de bejerişi almak üçin saglygy goraýyş edaralaryna ýüz tutmaga;
- işgäriň maşgalasynda ýokançly içgeçme keselleriniň ýüze çykan ähli halatlary barada habar bermäge;
- iş ornunda çilim çekmezlige we iýip-içmezlige (ýörite bellenilen jaýlarda we ýerlerde nahar iýmäge rugsat berilýär).

215. Azyk söwdasy desgalarynyň işgärlerine arassaçylyk egin-eşigine iňňebagjyk, iňňe ildirmek, halatlaryň, keltekçeleriň jübüsinde şahsy ulanylýan zatlary, çilim we beýleki gaýry zatlary saklamak, arassaçylyk egin-eşigini niýetlenişinden başga maksatlar üçin peýdalanmak gadagan edilýär.

216. Her bir söwda desgasynda ilkinji lukmançylyk kömegini bermek üçin niýetlenilen gutujyk bolmaly we içinde gerekli derman serişdeleri bilen üpjün edilen bolmaly.

217. Başlangyç we orta hünär bilim edaralarynyň, ýokary okuw mekdepleriniň talyplary iýmit önümleriniň söwda desgalarynda önümçilik iş tejribesini geçmezlerinden öňürti bellenilen tertipde saglygy goraýyş taýdan barlagy we arassaçylyk taýdan taýýarlygy geçýärler.

218. Önümçilik we ammar jaýlarynda abatlaýyş işleri bilen meşgullanýan ussalar, elektrik işgärleri bu ýerlerde tämiz arassaçylyk ýa-da ýörite egin-eşikde işleýärler, gurallaryny şol ýere agzy ýapyk ýörite gapyrjakda getirýärler.

**Gazlandyrylan suwuň we alkogolsyz içgileriň söwdasyna bildirilýän talaplar**

219. Gazlandyrylan suwlary satmak boýunça pawilýonlar düýpli bolmalydyrlar. Pawilýonlaryň gurnamalary Türkmenistanda hereket edýän gurluşyk ölçeglerne laýyk gelmelidir we 2 bölümden ybarat bolmalydyr (söwda we kömekçi). Otaglaryň bejerilişi gigiýeniki talaplara laýyk gelmelidir we ýuwujy, zyýansyzlandyryjy serişdeler bilen arassalaýyş işlerini geçirmäge mümkinçilik bermelidir.

220. Pawilýonlar merkezleşdirilen suw üpjünçiligi we lagym ulgamy bilen üpjün edilen bolmalydyr. Saturator enjamlary üçin suw almak işi, diňe agyz suwy geçirijisinden bu maksatlar üçin ýörite bellenilen ýerde geçirilýär. Agyz suwuny köçedäki suwaryş kranlaryndan we bu maksatlar üçin bellenilmedik beýleki ýerlerden almak gadagandyr.

Oba ýerlerinde merkezleşdirilen suw üpjünçiliginiň bolmadyk ýagdaýynda, pawilýonlar, agyz suwy üpjünçiligi tejribesinde ulanylmaga rugsat berlen serşdelerden ýasalan göwrümi 500 litrden az bolmadyk izotermiki çelekler bilen üpjün edilen bolmalydyr. Çelekleriň ýerleşişiniň beýikligi, söwda tekjeleriniň üstünden 1,5 metr beýiklikden az bolmaly däldir we suwuň ýeterlik basyşda akmagyny üpjün etmelidir.

Çelekler boşamagyna görä yzygiderli ýuwulmalydyr we hepdede bir gezek zyýansyzlandyrylmalydyr. Çeleklerdäki suwuň hili agyz suwunyň hiline we howpsuzlygyna bildirilýän talaplara laýyk gelmelidir.

Merkezleşdirilen lagym ulgamynyň ýok mahalynda, ýerli arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugy bilen ylalaşmak boýunça lagym suwlary ýygnamak üçin suw siňdirýän gazylan çukurlaryň gurnalmagyna ýol berilýär.

221. Ähli ulanylýan enjamlar zawodda taýýarlanylan we olaryň howpsuzlygyna güwä geçýän pasportlary, güwänamalary bar bolmalydyr.

Şireli gazlandyrylan suw satylanda, şireler ýörite ölçäp guýujy gapda bolmaly. Gaplarda şiräniň ady we düzümi görkezilen etiketkalar bolmaly. Şireler senagat taýdan öndürilen, öndürijiniň daşalyş gabynda bolmaly we olaryň hilini we howpsuzlygyny tassyklýan ýanyna goşulýan resminamalary bolmaly.

222. Alyja goýberilmezden öň, çüýşe gaplara guýulan içgini ýa-da suwy satyjy olary ýagtylyga tutup eserdeň seretmäge borçludyr. Eger-de bulanyklyk, reňkiniň üýtgemegi, çökündi, del zatlar ýüze çykarylsa onda içginiň alyja goýberilmegi gadagandyr.

223. Bulgurlar, olaryň içini we daşyny işläp geçmegi üpjün edýän ýörite abzalda ýuwulmalydyr.

224. Gaplary bedrelerde, legenlerde we beýlekilerde ýuwmak, şeýle hem ulanylan suwy gaýtadan ulanmak gadagandyr. Bulgurlar ýuwulan suw ýerli şertlere laýyklykda lagym ulgamyna ýa-da suw siňdirýän gazylan çukurlara goýberilmelidir.

225. Ýuwulan bulgurlar ýörite podnoslarda düňderilen görnüşde saklanylmalydyr. Bulgurlar doldurylmazyndan öň ikinji gezek ýuwulmalydyr.

226. Ähli gaplar we abzallar iş gutarandan soň eserdeň arassalanmalydyr we ýuwulmalydyr, saturatorlar bolsa galyndy suwdan boşadylmalydyr.

227. Söwda desgasynyň ýerleşdirilmegine rugsatnama ýerli ýerine ýetiriji häkimiýetler tarapyndan berilýär, Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralary tarapyndan bolsa desganyň sanitariýa-epidemiologiýa kadalaryna we ölçeglerine laýyklygyna netijenama berilýär.

228. Satyjynyň gigiýeniki taýdan okuwy geçendigi hakynda bellikli bellenilen nusgadaky şahsy saglygy goraýyş kitapçasy bolmalydyr, olar arassa ak nah matadan egin-eşikde (halat, keltekçe, sopbaş) işlemelidirler.

229. Otagda el ýuwmak üçin el ýuwulýan enjam oturdylmalydyr, şol ýerde sabyn, süpürgiç bolmalydyr.

230. Alkogolsyz içgiler we gazlandyrylan suwlar satylanda şular gadagan edilýär:

- teležkalary, göçme, tirkegli budkalary ulanmak;
- saturatorlarda suwy indiki güne galdyrmak;
- elde ýasalan enjamlary ulanmak;
- bir gezek ulanylýan gaplary gaýtadan ulanmak;
- suwy we alkogolsyz içgileri olaryň içine buzy goýbermek arkaly sowatmak;
- şireleri olaryň hilini we howpsuzlygyny tassyklaýan resminamasyz ulanmak;
- döwülen ýa-da jaýryk açan gaplary ulanmak;
- doňdurmadan başga islendik beýleki harytlary satmak;
- ýerlemäge keseki adamlary we 16 ýaşa çenli çagalara ýol bermek.

## Desganyň edarasynyň (eýesiniň) borçlary we jogapkärçiligi

231. Söwda desgasynyň ýolbaşçysy we edarasy (telekeçi) borçlaryň paýlanyşyna laýyklykda şularyň berjaý edilmegi üçin jogapkärçilik çekýär we şulary üpjün etmäge borçludyr:

- her bir söwda desgasynda hakyky arassaçylyk kadalaryň bolmagyny;
- söwda desgalarynyň ähli işgärleriniň arassaçylyk kadalarynyň talaplaryny ýerine ýetirmegini;
- desganyň işgärleri bilen gigiýeniki okuwyny geçirmek, işe girenlerinde, soňra iki ýylda bir gezek hemme işgärleriň synaglardan geçmegini guramak;
- saglyk ýagdaýy babatda muňa rugsady bolan, hünär, arassaçylyk babatda taýýarlygy hem-de hünär synagyny geçen adamlary işe kabul etmegi;
- her bir işgärde şahsy saglyk depderçesiniň bolmagyny;
- ähli işgärleriň öz wagtynda işe girenlerinde deslapky we soň yzygiderli lukmançylyk barlaglaryndan geçmeklerini;

- hereket edýän kanunçylyklara, sanitariýa kadalaryna, gigiýeniki kadalaryna laýyklykda işgärleriň iş şertlerini döretmegi;

- döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralarynyň kararlaryny we talapnamalaryny ýerine ýetirmegi;

- önümçilik gözegçiligini guramagy we geçirmegi;

- merkezleşdirilmedik suw üpjünçiligi çeşmeleriniň zerur arassaçylyk ýagdaýynyň we şolardaky suwuň oňat hilli bolmagyny;

- desganyň, şeýle hem töweregindäki ýerleriň umumy arassaçylyk ýagdaýynyň we sanitariýa düzgüniniň berjaý edilmeginiň ölçeglerine laýyk gelmegini;

- önümler kabul edilen, saklanylan we ýerlenilen mahaly olaryň hilini hem-de sarp edijileriň saglygy üçin howpsuzlygyny kepillendirýän sanitariýa kadalaryny hem-de düzgünlerini berjaý etmek üçin zerur şertleri;

- ammar jaýlaryny göwnejaý saklamagy, azyk önümleriniň dogry saklanylmagyny, olaryň hilini we degişli ýerleriň ýolbaşçylaryna (uly wezipedäki adamlara) jogapkärçiligi ýüklemek bilen, önümleri ýerlemegiň möhletleriniň berjaý edilmegini;

- tehnologiki sowadyjy we beýleki enjamlaryň gurat işledilmegini hem-de öz wagtynda abatlanmagyny;

- önümçilik enjamlarynyň, öwseleleriň we gap-gaçlaryň, gaplaýyş serişdeleriniň, ýuwujy we zyýansyzlandyryjy serişdeleriň we maddy-tehniki üpjünçiligiň beýleki zatlarynyň ýeterlik sanda bolmagyny;

- arassaçylyk we ýörite egin-eşikleri merkezleşdirilen ýagdaýda yzygider ýuwmagy we abatlamagy guramagy;

- zir-zibilleriň öz wagtynda alnyp gidilmegini;

- arassaçylyk günlerini we zyýansyzlandyrmak mör-möjekleri hem-de gemrijileri ýok etmek hem-de olara garşy göreş alyp barmak çärelerini geçirmegi;

- ilkinji saglygy goraýyş kömegini etmek üçin dermanhanajyklaryň bolmagyny we olaryň zerur zatlar bilen öz wagtynda doldurylmagyny;

- işgärleriň arasynda arassaçylyk aň-bilim işlerini guramagy;

- kanunçylyga we söwda kadalaryna laýyklykda beýleki çäreleri geçirmekligi.

232. Şahsy arassaçylyk kadalarynyň berjaý edilmegi üçin, iş orunlarynyň arassaçylyk ýagdaýy üçin, azyk önümlerini goýbermäge bildirilýän arassaçylyk talaplarynyň we şol önümleri ýerlemegiň möhletleriniň berjaý edilmegi üçin jogapkärçilik satyjynyň üstüne ýüklenýär.

233. Şu Sanitariýa kadalarynyň bozulmagynda günäkär adamlar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

234. Azyk söwdasy kärhanalary üçin şu Sanitariýa kadalarynyň berjaý edilişine gözegçilik döwlet gözegçilik we barlag edaralary tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan

2010-njy ýylyň 14-nji iýulynda bellige alyndy.
Bellige alyş sany 530.